TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– BU GÜN «TÜRKMENISTANDA ÖNDÜRILDI» DIÝEN NYŞANLY HARYTLAR DÜNÝÄ BAZARLARYNDA ULY ISLEGDEN PEÝDALANYP, ÝURDUMYZYŇ EKSPORT MÜMKINÇILIKLERINIŇ BARHA ARTÝANDYGYNYŇ SUBUTNAMASYNA ÖWRÜLDI.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
7-nji aprel, 2023. Belgisi 14/1528




5-nji aprelde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Aşgabada iş sapary bilen gelen Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanowy kabul etdi.

# HYZMATDAŞLYGYŇ GELJEKKI UGURLARY KESGITLENDI

Hormatly Prezidentimiz belent mertebeli myhmany sahawatly türkmen topragynda mähirli mübärekläp, bu duşuşygyň olaryň şu ýylyň dowamynda ikinji duşuşygydygyny belledi. Munuň özi ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ysnyşykly häsiýete eýedigine, taraplaryň özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge we giňeltmäge meýillidigine şaýatlyk edýär. Şunuň bilen baglylykda, şu gezekki saparyň Türkmenistan bilen Tatarystan Respublikasynyň arasyndaky ynanyşmak ýagdaýyndaky gatnaşyklary pugtalandyrmaga täze itergi berjekdigine ynam bildirildi. Şol gatnaşyklar türkmen-rus strategik hyzmatdaşlygynyň möhüm bölegi bolup durýar.

Türkmen topragynda bildirilen myhmansöýerlik üçin tüýs ýürekden çykýan hoşallyk sözlerini aýdyp, Tatarystan Respublikasynyň Baştutany türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan binýady goýlan köptaraply netijeli gatnaşyklaryň ösdürilmegine türkmen tarapyndan bildirilýän çemeleşmeleriň netijeli häsiýete eýe bolýandygyny nygtady.

Hormatly Prezidentimiz häzirki döwürde türkmen-tatar hyzmatdaşlygynyň berk binýada esaslanyp, işjeň ösdürilýändigini hem-de özara gatnaşyklaryň täze ugurlaryny öz içine alýandygyny kanagatlanma bilen belledi. Ýokary derejede yzygiderli geçirilýän duşuşyklar däp bolan hyzmatdaşlyga degişli giň meseleleri ara alyp maslahatlaşmaga, onuň geljekki ugurlaryny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Söwda-ykdysady gatnaşyklaryň ösdürilmegi köpugurly türkmen-tatar hyzmatdaşlygynyň gün tertibinde aýratyn orny eýeleýär. Şunuň bilen baglylykda, eksport-import amallaryny artdyrmagyň, özara iberilýän harytlaryň we hyzmatlaryň görnüşlerini giňeltmegiň zerurdygy nygtaldy. Döwlet Baştutanymyzyň pikirine görä, işewür toparlaryň arasynda göni gatnaşyklary ýola goýmak we ösdürmek, bilelikdäki kärhanalary döretmek, olary sergilere, forumlara, ýarmarkalara çekmek boýunça işleri güýçlendirmek wajypdyr. Şunda Söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-tatar iş toparyna möhüm orun degişlidir. Bu topar degişli düzümleriň işini utgaşdyrýar hem-de ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ähli ugurlaryny seljerýär.

Söhbetdeşler şu ýylyň 15-16-njy martynda Aşgabatda bu iş toparynyň sekizinji mejlisiniň hem-de Türkmen-tatar işewürlik maslahatynyň geçirilendigini belläp, şol duşuşyklaryň we gepleşikleriň Türkmenistan bilen Tatarystanyň arasyndaky gatnaşyklary mundan beýläk-de hemmetaraplaýyn ösdürmäge ýardam etjekdigine ynam bildirdiler.

Duşuşygyň dowamynda ikitaraplaýyn ylalaşyklary, dürli pudaklarda kesgitlenen bilelikdäki taslamalary amala aşyrmagyň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Deňhukuklylyk, özara bähbitlilik esasynda ýola goýulýan köpýyllyk hyzmatdaşlygyň täze, möhüm ugurlary kesgitlenildi.

Hormatly Prezidentimiz ynsanperwer ulgamda, şol sanda ylym, bilim we medeniýet ugurlary boýunça Tatarystan Respublikasy bilen ýola goýlan netijeli gatnaşyklary belläp, türkmen tarapynyň biziň halklarymyzyň dostlugynyň we ýakynlaşmagynyň köprüsi hökmünde çykyş edýän bu ugurdaky gatnaşyklary giňeltmäge gyzyklanma bildirýändigini aýtdy.

Döwlet Baştutanymyz Rustam Minnihanowa Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň arasyndaky däp bolan dostlukly gatnaşyklary ösdürmäge goşýan şahsy goşandy we berýän uly ünsi üçin minnetdarlyk bildirip, belent mertebeli myhmana berk jan saglyk, abadançylyk, jogapkärli döwlet işinde mundan beýläk de üstünlik, Tatarystanyň doganlyk halkyna bolsa gülläp ösüş we rowaçlyk arzuw etdi.

* * *

Şol gün hormatly Prezidentimiz «Hazar – dostluk deňzi» motoýörişiniň kerwenine ýolbaşçylyk edip ýurdumyza gelen Russiýa Federasiýasynyň Astrahan oblastynyň gubernatory Igor Babuşkini, Türkiýe Respublikasynyň Palatalar we biržalar birleşiginiň başlygy Rifat Hisarjyklyogluny, «Türkmenistan – ABŞ» işewürlik geňeşiniň Ýerine ýetiriji direktory Erik Stýuarty, «General Electric Gas Power» kompaniýasynyň Ýewropa, Ýakyn Gündogar we Afrika sebitlerinde gazturbina enjamlarynyň satuwy boýunça wise-prezidenti Bris Razany, «John Deere» kompaniýasynyň Merkezi Aziýada strategik hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça ýolbaşçysy Çaba Leýkony, «Nicklaus Companies» kompaniýasynyň wise-prezidenti Jon Rizi, «Smartmatic» kompaniýasynyň esaslandyryjysy hem-de Baş ýerine ýetiriji direktory Antonio Mugikany, «Westport Trading Europe Limited» kompaniýasynyň müdiriýetiniň başlygy Nikolaý Ýurçenkony hem-de «UGT Renewables» kompaniýasynyň amallar işi boýunça wise-prezidenti Dýuk Gimi kabul etdi.



## Sport we saglyk – bir bitewi sazlaşyk

***Ýurdumyzda her ýylyň 7-nji aprelinde Bütindünýä saglyk güni bellenilýär. Bu baýram halkymyzyň saglygyny goramaga, keselleriň öňüni almaklyga bagyşlanan çäreleri öz içine alýar.***

Gahryman Arkadagymyzyň: «Sporta söýgi häsiýetiňi taplamakdyr, wagta mynasyp garaýyşdyr» diýen sözlerinden ugur alnyp, ýurdumyzda raýatlary köpçülikleýin sporta çekmek, her bir adamyň beden taýdan berk, sagdyn bolmagy ugrunda uly işler durmuşa geçirilýär. Döwrebap stadionlar, sport klublary, türgenleşik zallary, oýun meýdançalary halkyň hyzmatynda. Sportuň islendik görnüşi bilen meşgullanaýyn diýseň, şertdir mümkinçilikleriň ähli döredilen. Şeýle mümkinçiliklerden netijeli peýdalanýan türkmen ýaşlary halkara ýaryşlarynda, dünýä çempionatlarynda baýrakly orunlary eýeläp, Watanymyzyň ýaşyl tuguny belentde parladýarlar. ■ 2

## Arkadag şäheri – döwrümiziň beýik binagärlik taslamasy

***Ýurdumyzda binagärlik we şähergurluşyk işini ýokary derejelere ýetirmekde, ýaşamak üçin has oňaýly şertler döredilen döwrebap obalary, şäherçeleri, şäherleri gurmakda, durmuşymyzyň ähli ugurlaryna sanly ulgamy, ýokary tehnologiýalary ornaşdyrmakda, sebitleri hemmetaraplaýyn we gyradeň ösdürmekde giň gerimli işler üstünlikli alnyp barylýar. Türkmen tebigatynyň gözel künjekleriniň birinde bina edilen Arkadag şäheri berkarar döwletimiziň güýç-kuwwatyny we ägirt uly ösüş mümkinçiliklerini bütin dünýä äşgär edýär.***



Bu ýerde milli we häzirki zaman binagärliginiň ösen tejribeleri utgaşdyrylyp, önümçilik, medeni-durmuş maksatly desgalaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygynyň «akylly» şäher konsepsiýasy esasynda alnyp barylmagy ata Watanymyzyň döwrebap ösüşleriniň we milliligimize goýulýan sarpanyň aýdyň nyşanydyr. Arkadag şäheri hemişelik Bitaraplygyň üstünliklerini görkezýän, ýurdumyzyň esasy medeni, ylmy merkezine öwrülýär. Bu şäherde «akylly» tilsimatlar ulanylýar. 2022-nji ýylyň 3-nji dekabrynda şäheriň döredilmegi bilen bagly ähli meseleleri, hususan-da, şäheriň hukuk ýagdaýyny, onuň çäklerini kesgitlemek ýaly möhüm ugurlary düzgünleşdirýän kanuny resminamalary taýýarlamak, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralaryny döretmek hem-de olaryň ýolbaşçylaryny bellemek boýunça berlen tabşyryklara laýyklykda, «Arkadag şäheri hakynda» Kanun kabul edildi. Bu çözgüt täze şäheriň hukuk derejesini kesgitledi.

«Arkadag şäherinde täze etraplary döretmek hakynda» Türkmenistanyň Mejlisiniň kararyna laýyklykda, döwrümiziň beýik binagärlik taslamasy bolan Arkadag şäherinde täze Kärizek we Gorjaw etraplary döredildi. Arkadag şäherinde alnyp barylýan işleriň halkara ölçeglere laýyk gelmegi şäher ilatynyň sanyny artdyrmakda, ony geljekde depginli ösdürmekde, çäklerini giňeltmekde, ulag, senagat, söwda, hyzmatlar, ylym-bilim, saglygy goraýyş, gurluşyk ulgamlaryny ösdürmekde ähmiýetlidir. Arkadag şäheri boýunça kabul edilen kanunçylyk esasynda alnyp barylýan işler häzirki döwrüň talabyna we paýhasly pederlerimiziň şöhratly taryhynyň ruhuna kybap getirilýär. Köpetdagyň eteginde bina bolýan Arkadag şäheri döwrümiziň beýikliginiň, halk üçin bitirilýän işleriň giň gerimlidiginiň aýdyň nusgasydyr.

Arkadag şäherine aýratyn hukuk derejesiniň berilmegi guwançly ýagdaýdyr. ■ 3



## Söwda toplumy – ykdysadyýetiň esasy pudaklarynyň biri

***Paýtagtymyz Aşgabatda Türkmenistanyň söwda toplumynyň sergisi geçirildi. Onda ýurdumyzyň söwda, dokma senagatynyň, milli halyçylyk sungatynyň ösen derejesi we bu ugurda gazanylan üstünlikler görkezildi.***

Söwda toplumy ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmekde esasy pudaklaryň biri bolmagynda galýar. Şoňa görä-de, ýurdumyzda azyk bolçulygyny we halkymyzyň abadan durmuşda ýaşamagyny üpjün etmek köp babatda bu pudagyň netijeli ösdürilmegine baglydyr.

Häzirki wagtda söwda, dokma we telekeçilik pudaklaryny ösdürmäge köp möçberde maýa goýumlary goýulýar. Ýurdumyzyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi tarapyndan degişli düzümler bilen bilelikde azyk bolçulygyny üpjün etmek ugrunda uly işler alnyp barylýar. ■ 3

### Älemiň syrlaryny açmaga taýynlanýar



Häzirki wagtda meşhur «Jeýms Webb» kosmos teleskopy älemiň syrlaryny açmagy dowam etdirýärkä, NASA «Nensi Greýs Roman» atly başga bir kosmos teleskopyny uçurmaga taýynlyk görýär. ■ 4

### Bütindünýä stol tennisi güni



Her ýylyň 6-njy aprelinde dünýäniň dürli künjeginde stol tennisiniň halkara güni bellenip geçilýär. Soňky ýyllarda ýörgünli bolan bu sport görnüşi ýaşlaryň arasynda has-da meşhurdyr. ■ 5

### Ilkinji gezek münberiň 1-nji basgançagyna çykdy



Moto GP boýunça möwsümiň 2-nji ýaryşy Argentinanyň Termas de Rio Honda şäherinde geçirilip, italiýaly Marko Bezzeçči ýeňiji boldy. ■ 7

### Ýewropada Kubok ýaryşlary



Ispaniýanyň Şa Kubogy (Copa del Rey) ýaryşynda finala çykan toparlar belli boldy. Ýarym finalyň jogap duşuşyklary geçirilip, «Osasuna» bilen «Real Madrid» finala atlaryny ýazdyrmagy başardylar. ■ 8



5-nji aprelde türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanow Söwda-senagat edarasynda guralan Türkmenistanyň söwda toplumynyň sergisine baryp gördüler.

# Daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň Türkmenistana gyzyklanmasy artýar

Hormatly Arkadagymyz bu ýerde Tatarystan Respublikasynyň Baştutany hem-de Türkiýe Respublikasynyň Palatalar we biržalar birleşiginiň başlygy bilen duşuşyk geçirdi. Duşuşykda gatnaşyklary ösdürmegiň esasy ugurlary, öňde duran wezipeler we hyzmatdaşlygyň geljegi barada pikir alşyldy.

Hormatly Arkadagymyz hem-de Tatarystan Respublikasynyň ýolbaşçysy ýurdumyzyň söwda toplumynyň hödürleýän hyzmatlary we önümleriň görnüşleri bilen tanyşdylar. Häzirki döwürde bu toplumda hususy ulgama möhüm orun degişlidir. Önüm öndürijilere, hususyýetçilere döwlet tarapyndan degişli goldawlaryň berilmegi olaryň ýurdumyzda azyk bolçulygyny üpjün etmek bilen bir hatarda, bäsdeşlige ukyplylyklaryny ýokarlandyrmaga, önümlerini daşary ýurt bazarlaryna çykarmaga ýardam edýär.

Gahryman Arkadagymyz bu barada aýtmak bilen, ýurdumyzyň hususyýetçileriniň täze önümçilik kuwwatlyklaryny döredýändiklerini, olaryň önümçilik ulgamlary, ulag-aragatnaşyk pudagy üçin zerur bolan harytlary öndürýändiklerini belledi.

Soňra Gahryman Arkadagymyz hem-de Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Türkmenistanda öndürilýän haly we haly önümleriniň sergi bölümine baryp gördüler. Bu ýerde ýurdumyza sapar bilen gelen Türkiýe Respublikasynyň Palatalar we biržalar birleşiginiň başlygy Rifat Hisarjyklyoglu hem boldy.

Soňky ýyllarda ýurdumyzyň işewürleri bu ulgamda işjeňlik görkezýärler, haly we haly önümleriniň önümçiligini giňeldýärler, täze tekliplerdir çözgütleri öňe sürýärler. Olaryň alyp barýan işleri türkmen halylarynyň şöhratyny artdyrmaga hem-de haly önümleriniň dünýä bazarynda bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga ýardam berýär.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyzda iş saparynda bolýan Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanow bilen maslahat geçirdi. Onuň dowamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy we geljekki ugurlary, aýratyn-da, ýangyç-energetika toplumynda gatnaşyklary işjeňleşdirmek meseleleri, ulag-kommunikasiýa ulgamynda ozal gazanylan ylalaşyklary ýerine ýetirmegiň ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy. Maslahata iki ýurduň degişli düzümleriniň ýolbaşçylary gatnaşdylar.

Türkmenistanyň we Tatarystanyň ýangyç-energetika babatda oňyn tejribe toplandygy bellenilip, maslahatda ozara tejribe alyşmagyň we bu ugra täzeçil tehnologiýalary, sanly ulgamy ornaşdyrmagyň meseleleri boýunça gyzyklanma bildirilýän pikir alyşmalar boldy. Degişli düzümleriň gatnaşmagynda iki tarapyň mümkinçiliklerini öwrenmegiň möhümdigi nygtaldy. Türkmenistanyň geografik taýdan amatly ýerleşendigini hasaba almak bilen, serhetüsti gatnawlaryň mümkinçiliklerine garaldy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri ýurdumyzda halkara üstaşyr ulag geçelgeleriniň hem-de ugurdaş düzümleriň döredilendigini belläp, olaryň kuwwatynyň doly peýdalanylmagynyň möhümdigini nygtady we tatarystanly hyzmatdaşlary bu ugurda hyzmatdaşlygy has-da işjeňleşdirmäge çagyrdy.

Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň gurluşygynda gurluşygyň önümçilik kuwwatlyklary artdyrylar. Bu işlerde Tatarystanyň hünärmenleriniň tejribeleri peýdalanylyp bilner diýip, Gahryman Arkadagymyz sözüni dowam etdi.

Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany dünýäde ygtybarly hyzmatdaş we özüniň hyzmatdaşlyk borçnamalaryna jogapkärçilikli çemeleşýän ýurt hökmünde ykrar edilen Türkmenistan bilen dürli ugurlardaky gatnaşyklaryň ösdürilmegine tatar kompaniýalarynyň uly gyzyklanma bildirýändiklerini nygtady. Halkara hyzmatdaşlygyň ygtybarly hukuk binýadynyň döredilmegi, daşary ýurtly kompaniýalaryň netijeli işlemekleri ugrunda ähli zerur mümkinçilikleriň üpjün edilmegi geljegi uly türkmen bazarynyň özüne çekijiligini artdyrýar. Bu barada aýtmak bilen, myhman Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan we hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow tarapyndan üstünlikli dowam etdirilýän özgertmeleriň bir bölegi bolan taslamalary amala aşyrmaga girişmäge Tatarystanyň işewürleriniň taýýardyklaryny belledi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow maslahaty jemläp, onda öňe sürlen teklipleriň we garalan meseleleriň işjeň öwrenilmegi, bu ugur boýunça degişli ylalaşyklaryň gazanylmagy babatda zerur işleriň geçirilmelidigini belledi.

Soňra hormatly Arkadagymyz Türkiýe Respublikasynyň Palatalar we biržalar birleşiginiň başlygy Rifat Hisarjyklyoglu bilen duşuşyk geçirdi. Onuň dowamynda ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň wajyp meseleleri we ozal gazanylan ylalaşyklary ýerine ýetirmegiň ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy.

Türkiýäniň Palatalar we biržalar birleşiginiň başlygy ata Watany Türkmenistanda ýaýbaňlandyrylan giň möçberli özgertmeleriň we dürli maksatly taslamalaryň durmuşa geçirilmegine türkiýeli işewürleriň çagyrylmagynyň özleri üçin uly hormatdygyny belledi. Munuň özi gurluşyk ulgamyndaky ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ösüşiň täze derejesine çykmagyna giň ýol açar.

Hormatly Arkadagymyz duşuşyk tamamlanandan soňra, myhman bilen bilelikde bu ýerden Arkadag şäherine tarap ugrady.

Ýolugra Gahryman Arkadagymyzyň ulagy paýtagtymyzyň günorta-günbatar künjeginde ýerleşýän, ady rowaýata öwrülen «Polatly» atly şöhratly bedewiň heýkeliniň ýanynda saklandy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri myhmana häzirki zamanyň ösen tejribesiniň we milli binagärlik ýörelgeleriniň utgaşdyrylmagynda bina edilen Arkadag şäheri, onuň döreýiş taryhy, şäherde bar bolan desgalar hem-de olaryň binagärlik aýratynlyklary barada gürrüň berdi.

Hormatly Arkadagymyz täze şäheriň çäklerinde eýýäm Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkeziniň gurlandygyny aýdyp, türkiýeli işewür toparlary bu merkeziň ýanynda çagalar üçin niýetlenen dürli önümleriň, derman serişdeleriniň önümçiligi boýunça toplumyň gurluşygyna gatnaşmaga çagyrdy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türkiýe Respublikasynyň Palatalar we biržalar birleşiginiň başlygyny Arkadag şäherine aýlanyp görmäge hem-de onuň binagärlik aýratynlyklary bilen ýerinde tanyşmaga çagyrdy. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň ýolbaşçysy D.Orazowa anyk görkezmeler berildi.

Soňra hormatly Arkadagymyz hemmelere üstünlikleri arzuw edip, bu ýerden ugrady.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazow türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça Türkiýe Respublikasynyň Palatalar we biržalar birleşiginiň başlygy Rifat Hisarjyklyoglunу Arkadag şäherinde alnyp barylýan işler, onuň çäginde gurlan binalar, olaryň bezeg aýratynlyklary, bu ýerde geljekde gurulmagy meýilleşdirilýän desgalar bilen tanyşdyrdy.

## Global söwdanyň ösüşi has ýokary bolar

Bütindünýä Söwda Guramasy (BSG) 2023-nji ýylda global haryt söwdasynyň ozal çak edilişinden has ýokary boljakdygyny mälim etdi. Aprel aýyna degişli maglumatda global söwdanyň ykdysadyýetiň dikelmegi bilen, ozal çak edilişi ýaly 1 göterim däl-de, 1,7 göterim ösjekdigi bellenildi.



BSG-niň Baş direktory Ngozi Okonjo-Iweala söwdanyň global ykdysadyýetde çeýeligi üpjün edýän güýçdügini aýtdy. BSG-niň baş ykdysatçysy Ralf Ossa bolsa, geçen ýyl pandemiýanyň dowam edýän täsirleriniň söwdanyň we önümçiligiň ösüşine täsir edendigini, munuň üstümizdäki ýylda hem dowam etjekdigini aýdýar.

**Maral RÖWŞENOWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Eýfel diňiniň ikinjisi peýda boldy

Fransiýanyň paýtagty Parižde meşhur Eýfel diňiniň golaýynda ýene biri guruldy. Eýfeliň 200 metr golaýynda gurlan täze nusgasy «Eifela» diýlip atlandyrylýar. Ululygy adatdaky diňiň ondan birine barabar bolan «Eifela»-ny Filip Maindron atly sungat ussady gurdurypdyr. 1-nji aprelde gurlan bina 10-njy aprele çenli açyk durar. 32 metrlik binanyň agramynyň 23 tonnadygy mälim edildi. Kiçi binanyň aşagynda «Meniň adym Eifela, 2023-nji ýylyň 1-nji aprelinde şenbe güni irden 05:25-de Parižde doguldym. Boýum 32 metr, agramym 23 tonna. Ejem örän begendi» diýen ýazgy ýerleşdirilipdir.



**Merýem HAJYÝEWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Ilkinji emeli hemrasyny uçurar

Keniýanyň Kosmos Agentligi (KSA) ýurduň ilkinji emeli hemrasyny orbita çykarmaga taýýarlanýar. «SpaceX» kompaniýasynyň «Falcon-9» raketasy bilen uçuryljak «Taifa-1» atly enjam 11-nji aprelde uçurylar. Emeli hemra ýurduň oba hojalygy, azyk howpsuzlygy, tebigy baýlyklaryň dolandyrylyşy we daşky gurşawy öwrenmek maksady bilen peýdalanylar. Iki ýylyň dowamynda keniýaly inženerler tarapyndan işlenip taýýarlanan emeli hemranyň önümçiligini Bolgariýanyň kosmos kompaniýalary amala aşyrypdyr.



2017-nji ýylda esaslandyrylan Keniýanyň Kosmos Agentligi ilkinji gezek 2018-nji ýylda kiçi göwrümli emeli hemrasyny kosmosa uçurypdy.

**Aýogul REJEPOWA,**
*Aşgabat şäherindäki 14-nji orta mekdebiň müdiri.*

## SPORT WE SAGLYK – BIR BITEWI SAZLAŞYK

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

«Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň çäklerinde ýurdumyzda döwrebap tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan täze saglygy goraýyş ulgamynyň desgalarydyr ýöriteleşdirilen toplumlary, şypahanalar gurlup işe girizilýär, saglygy goraýyş edaralarynda lukmançylyk ylmynyň ösen usullary boýunça bejergi-barlag işleri amal edilýär. Ilatyň saglygyny goramak hem-de dürli keselleriň öňüni almak, adamlaryň ömrüniň dowamlylygyny uzaltmagyň kepili bolan sagdyn durmuş ýörelgeleriniň jemgyýetde berkarar bolmagyny gazanmak üçin degişli çäreler yzygiderli geçirilýär. Garaşsyzlyk ýyllary içinde saglygy goraýyş ulgamy öňdebaryjy lukmançylyk ylmynyň gazananlarynyň esasynda kämil derejelere ýetdi. Ýurdumyzda keselleriň öňüni almakda we bejermekde, sagdyn jemgyýetiň kemala gelmeginde üstünlikli sepgitlere ýetildi, maşgala lukmançylygy ýörelgesi, sanly lukmançylyk, derman senagaty pudagy ösdi.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen sport, köpçülikleýin bedenterbiýe hereketi, sagdyn durmuş ýörelgeleri ilat arasynda giňden





ýaýbaňlandyrylyp, türkmen sportunyň dünýädäki abraýy has-da belende galýar.

Ýurdumyzyň baýramçylyklarynyň senenamasynda mynasyp orun alan Bütindünýä saglyk gününiň dabaralary köp ýyllaryň dowamynda welosipedli ýörişler bilen utgaşyp gelýär.

Alymlaryň bellemeklerine görä, welosiped sürmek akyl-paýhas oýunlary bilen meşgullanýan adamlar üçin has peýdalydyr. Sebäbi ol ýatkeşligi gowulandyrýar, özüňi ynamly, sagdyn we keýpiçag duýmaga ýardam edýär.

Türkmenistanyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 76-njy sessiýasynyň 61-nji mejlisinde «Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi möhüm ähmiýetli wakalaryň biri boldy.

**Atabaý MOMMYÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## 5G tehnologiýasynda öňdeligi eýeleýär

Smartfon we aragatnaşyk tehnologiýalaryny öndürýän «Huawei» kompaniýasy 5G tehnologiýasynda öňdeligi eýeleýär. Soňky ýyllarda smartfon satuwy pese gaçan hem bolsa, hytaý kompaniýasy «Ericsson», «Nokia», «Qualcomm» we «Samsung» ýaly bäsdeşlerinden öňe saýlandy. «ABI Research» maslahat beriş kompaniýasy tarapyndan taýýarlanan maglumata görä, «Huawei» dünýäde 5G-niň tehniki innowasiýalaryna we täze ülňülerine uly goşant goşýar. Maglumatda 5G tehnologiýasynda öňe saýlanýan 20 kompaniýanyň ady bolup, «Huawei» 15 müň 266 tassyklanan patent döredipdir. «Ericsson» 11 müň 601, «Nokia» 7 müň 553 patent alypdyr. Häzirki wagtda dünýäde 210 müňden gowrak 5G standart patenti alnyp, olaryň 40 göterimi hytaý kompaniýalary tarapyndan döredilipdir. Şeýlelikde, Hytaý bu ugurda dünýäde öňdeligi eýeleýär.




«Huawei» geçen ýyl 5G tehnologiýasyny kämilleşdirmek üçin umumy girdejisiniň 25,1 göterimini (61,5 milliard ýuan) sarp edipdir. Bu bolsa, kompaniýanyň infrastrukturasyny kämilleşdirmekde täze ülňüleri girizip, müşderilerine has gowy goldaw beripdir.

**Gülnabat HOJAKOWA,**
*«Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň Politehniki orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

## Wodorod önümçiligini alty esse artdyrar

**Ýaponiýanyň hökümeti geljek 17 ýylda wodorod ýangyjynyň önümçiligine we oňa degişli tehnologiýalara 113 milliard dollar maýa goýum gönükdirer. Şeýlelikde, bu arassa ýangyjyň önümçiligi 12 million tonna ýetiriler. Ýurtda howa maksatnamasynyň çäklerinde geljek ýyllaryň dowamynda wodorod önümçiligi alty esse artdyrylar.**



**Fumio Kisidanyň ýolbaşçylygyndaky hökümet 2040-njy ýyla çenli bu pudagy ösdürmek üçin 15 trillion ýen (113 milliard dollar) maýa goýum özleşdirer.**

**Ýaponiýa 2050-nji ýyla çenli howa goýberilýän zyýanly gazlary dolulygyna aradan aýyrmagy maksat edinýär. Bu maksada ýetmek üçin suwüsti ýel beketleri, Gün panelli beketler, bioýangyç we wodorod ýangyjy ýaly daşky gurşawa zyýan ýetirmeýän usullar arkaly energiýa serişdeleriniň öndürilmegi göz öňünde tutulýar.**

**Serdar TÄÇMYRADOW,**
***S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.***

## Uçýan ulag tanyşdyryldy

**Merkezi edarasy Rimde ýerleşýän «Lazzarini Design Studio» studiýasy uçýan ulagyň has lýuks görnüşini tanyşdyrdy. Pierpaolo Lazzarini atly hünärmeniň işläp düzen «Aircar» atly uçýan ulagy «Rolls-Royce» uçar hereketlendirijisi bilen üpjün edilipdir. Uçýan ulag şäheriçi gatnaw üçin niýetlenip, ýol dyknyşygynyň aradan aýrylmagyna ýardam eder. Ululygy 6 metr bolan uçarda bir pilot we üç ýolagçy üçin ýer göz öňünde tutulypdyr. Ulag ýeňil materiallardan öndürilipdir.**



**Ululygy we agramy babatda netijeli hasaplanýan «Aircar» takmynan, 750 km/sagat tizlik bilen uçar. Howa gämisiniň dört hereketlendirijisi biri-birinden aýratynlykda gapdala gyşaryp, ulagy dolandyrmaga ýardam edýär. Ulagyň ilkinji uçuşynyň 2024-nji ýylyň ahyrynda amala aşyrylmagyna garaşylýar.**

**Miwe ÇARYÝEWA,**
***Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyby.***

## 8 kilometr çuňlukda balyk tutuldy

Mälim bolşy ýaly, deňizdir ummanlarda näçe aşak gidilse, basyş şonça-da artýar. Şeýle bolansoň, suwuň belli bir dereje aşagyna çümmek aňsat bolmaýar. Tokio hem-de Günbatar Awstraliýa uniwersitetleriniň hünärmenleri deňziň iň çuň ýerinde balyk tutdular. Günüň düşmeýän çuňlugynda ýaşaýan balyk Ýuwaş ummanyndaky Izu-Ogasawara çöketliginde tutuldy. Hünärmenler balygy tutmak üçin 8 müň 22 metr çuňlukda duzak gurdular. Şeýlelikde, rekord çuňlukdaky balyk tutmak işi hasaba alyndy.



Şeýle hem hünärmenler 8 müň 336 metr çuňlukda ýüzýän balyklary ýazga aldylar. Bu ylmy barlaga gatnaşan professor Alan Jamýeson suwa çümdürilen kameralar bilen 10 sagat arabaglanyşygyň bolmandygyny, şol sebäpli nämäni ýazga alandyklaryny bilmändiklerini belläp, köp sanly deňiz jandarynyň ýokary hilli suratyny alandyklaryny aýdýar.

Iň çuň ýerde balyk tutmakdaky ozalky rekord hem Ýuwaş ummanyndaky Mariana çöketliginde hasaba alnypdyr. Täze rekord ozalkydan 158 metr çuňlukda amala aşyrylypdyr.

**Şatlyk KURBANOW,**
*Türkmenistanyň Serhet institutynyň talyby.*

## «Ýüzýän» Gün elektrik bekedi gurlar

Hytaýyň «China Energy» kompaniýasy Afrikanyň günortasyndaky Zimbabwede önümçilik kuwwaty 1000 MW bolan Gün elektrik bekedini gurar. Ýurtda könelen kömür beketleriniň önümçilik netijeliliginiň azalmagy hem-de Kariba gidroelektrik bekedinde suwuň azlygy sebäpli täze taslamalar durmuşa geçirilýär. Ýurduň Kariba suw howdanynda bahasy 1 milliard dollara golaý boljak energiýa taslamasy durmuşa geçiriler. Ylalaşyga görä, «ýüzýän» desgada 1,8 million Gün paneli oturdylar. Munuň bahasynyň 987 million dollar bolmagyna garaşylýar.



Soňky ýyllarda Gün panelleri diňe elektrik energiýasyny öndürip sarp edijilere ýetirmek üçin däl, eýsem, gidroelektrik beketlerdäki önümçiligi ýokarlandyrmak maksady bilen hem gurulýar. Munuň üçin gidroelektrik bekediň howdanyna suwüsti Gün panelleri ýerleşdiriler. Bu panelleriň öndüren energiýasy suw bilen aýlanýan çarhlary herekete getirip, has köp energiýa öndürmäge mümkinçilik berýär.

**Kyýas GELDIMYRADOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## BILDIRIŞ

Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrabynyň pensiýa gaznasy tarapyndan «Beýik özgeriş» hojalyk jemgyýetine 24.06.2014 senesinde berlen 004489 belgili Ýuridik şahsyň ätiýaçlandyrýan hökmünde hasaba alnandygy hakynda şahadatnamanyň ýitendigi sebäpli, ony güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Aprel aýynyň 7-si, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-111401
Belgisi: 14/1528
Tiražy: 6504
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
elektron poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# ARKADAG ŞÄHERI – DÖWRÜMIZIŇ BEÝIK BINAGÄRLIK TASLAMASY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Täze şäherde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkeziniň, Saçly Dursunowa adyndaky Arkadag şäher lukmançylyk orta hünär okuw mekdebiniň bolmagy we bu ýerlerde işleriň ýokary guramaçylyk derejesinde alnyp barylmagy ugrunda ähli zerur şertleriň döredilmegi, lukmançylyk hyzmatlarynyň ýokary derejede ýola goýulmagy, işgärleriň hünär derejesiniň yzygiderli ýokarlandyrylmagy babatda işleriň amala aşyrylmagy biz lukmanlary has hem buýsandyrdy. Arkadag



şäheriniň döwlet arhiwiniň, «Arkadag» teleýaýlymynyň hem-de «Arkadag» gazetiniň döredilmegi bolsa bütin halkymyzy begendirdi. Arkadag şäherinde ekologik babatda-da, ýaşaýyş-durmuş, beýleki ähli meselelerde-de adam ýaşaýşy üçin iň amatly gurşawy döretmek barada uly wezipeler kesgitlendi.

Häzirki wagtda şäheriň birinji nobatdakysynyň gurluşygy tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýar we şäheriň çäklerinde bina edilen desgalaryň açylyş dabarasyna ýokary derejede taýýarlyk görülýär. Munuň özi hormatly Arkadagymyzyň başyny başlan we Arkadagly Serdarymyz tarapyndan üstünlikli amala aşyrylýan şähergurluşyk maksatnamasynyň döwrüň ruhuna kybap derejede durmuşa geçirilýändigine şaýatlyk edýär. Şäher ilatynyň eşretli we abadan ýaşaýşyny yzygiderli üpjün etmek ugrunda uly işler alnyp barylýar. Gahryman Arkadagymyzyň ýakyndan ýardam bermeginde Arkadag şäherinde işler ýokary derejede amala aşyrylýar, häzirki döwürde täze şäherde dürli maksatly desgalaryň 336-synyň gurluşygy tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýar. Bu işlerde ýaşlaryň tekliplerine, täzeçil garaýyşlaryna



zerur üns berilýär. Şeýlelikde, hormatly Arkadagymyzyň başlangyjy bilen täze şäher, sözüň doly manysynda, ýaşlaryň şäherine öwrülýär. Onuň binagärlik we bezeg aýratynlyklary häzirki zamanyň ösen tejribesine, milli binagärlik ýörelgelerine doly laýyk gelýär. Şäheriň geljekki ösüşinde ýaşlaryň bilimine, başarnygyna we ukyplaryna möhüm ähmiýet berilýär. Arkadag şäheriniň ýaşlaryň şäheri hökmünde ykrar edilmegi guwançly ýagdaýdyr. Onuň binýadynda halkymyzyň şöhratly taryhy, milli binagärlik ýörelgeleri bar, bu ýerde täze şäheriň gurulmagy bilen, taryhda öçmejek yz goýan şahsyýetleriň atlary ebedileşdirildi. Bu şahsyýetleriň halkymyza, mähriban Watanymyza bagyşlanan ömür ýollary ýaş nesiller üçin nusgalyk mekdepdir. Täze şäheriň geljekki ösüşinde ýurdumyzyň häzirki döwürde ýeten derejesi, halkymyzyň bagtyýar durmuşy öz beýanyny tapar. Täze kabul edilen Kanuna laýyklykda, döwlet ähmiýetli şäher diýen aýratyn hukuk derejesi berlen Arkadag şäheri döwletimiziň gazanýan üstünliklerini açyp görkezýän dolandyryş-çäk birligi bolar. Ýurdumyzda ilkinji «akylly» şäheriň birinji tapgyrynda gurlan binalaryň we desgalaryň açylyş dabarasy hem döwrüň ruhuna laýyk geçiriler, Diýarymyzyň durmuşynda şanly waka öwrülip, watandaşlarymyzda ýatdan çykmajak ýakymly täsirleri galdyrar.

Ýurdumyzda amala aşyrylýan beýik işler, ýetilen belent sepgitler, bagtyýar durmuşyň, ata Watanymyzyň bähbidine gönükdirilen maksatnamalar merdana halkymyzy belent maksatlara ruhlandyrýar. Häzirki döwürde adamlaryň amatly ýaşaýşyny, olaryň iş bilen üpjünçiligini pugtalandyrmak boýunça zerur işler alnyp barylýar. Halkymyzyň bagtyýar durmuşy, ýurdumyzyň abadançylygy ugrunda yzygiderli alada edýändigi üçin Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden çykýan alkyşlarymyzy aýdýarys.

**Amanmyrat GOÇMYRADOW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň patologik anatomiýa kafedrasynyň assistenti, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty.*

# SÖWDA TOPLUMY – YKDYSADYÝETIŇ ESASY PUDAKLARYNYŇ BIRI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şol bir wagtda pudaga sanly ulgamyň giňden ornaşdyrylmagyna uly üns berilýär. Elektron söwda ulgamyny hasda giňeltmek, dükanlaryň we söwda kärhanalarynyň hasabatyny sanly ulgamyň üsti bilen ýola goýmak, onlaýn söwda düzgünlerini halkara tejribeleri esasynda kämilleşdirmek boýunça işler amala aşyrylýar. Ministrligiň garamagyndaky Kompýuter tilsimaty merkezinde okuwçylar üçin kompýuterleriň önümçiligi alnyp barylýar.

Häzirki döwürde ýurdumyzda dokma senagatyny ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalaýyn işler amala aşyrylýar. Ýurdumyzda öndürilýän dokma önümleriniň halkara hil ölçeglerine we ekologiýa howpsuzlygyna kybap gelmegine aýratyn üns berilýär. Ýurdumyzyň önümlerini daşary ýurtlarda has işjeň ilerletmek üçin degişli mahabat-maglumat goldawy guramaçylykly ýola goýulýar.

Ýurdumyzda dokma kärhanalary tarapyndan öndürilýän önümleri onlaýn satmak üçin mümkinçilikler döredilýär. Dünýä tejribesi esasynda ýurdumyzda sanly ulgama tapgyrlaýyn geçilýän şertlerde topluma degişli bolan kärhanalaryň resmi web saýtlary arkaly onlaýn söwdalar ýola goýlup başlandy.

Onlaýn söwdanyň amatlyklary we usullary kärhanalar tarapyndan doly öwrenilip, web saýtlaryň üsti bilen müşderilere ýokary hilli hyzmat edilýär. «Altyn Asyr» onlaýn söwda platformasy arkaly häzirki wagtda Türkmenistanda öndürilen 504 görnüşli dokma önümini sargyt etmek mümkin. Onda 15 sany milli dokma brendleriniň önümleri ýerleşdirilen. Onlaýn platformada erkekler, zenanlar, ýetginjekler we çagalar üçin dürli geýimleri, dokma önümlerini, aýakgaplary sargyt etmek mümkin.

Ýurdumyzda öndürilen dokma önümlerini esasy satyn alyjy ýurtlar Gruziýa, Türkiýe, Eýran, Birleşen Arap Emirlikleri, Russiýa, Hytaý, Ermenistan, Azerbaýjan, Belarus, Ukraina we Gazagystan bolup durýar. Dokma senagaty pudagy daşary ýurt kompaniýalary we maliýe guramalary bilen hem işjeň hyzmatdaşlygy alyp barýar. Soňky ýyllarda daşary ýurt kompaniýalarynyň gatnaşmagynda ýurdumyzda 15 sany döwrebap dokma toplumlary guruldy.



Hormatly Prezidentimiziň yzygiderli hemaýat-goldawlary bilen ýurdumyzda halyçylyk sungatynyň ösdürilmegine, toplumlaýyn esasda öwrenilmegine möhüm üns berilýär, halylaryň gadymy nusgalarynyň aýawly saklanylmagy hem-de dünýäde wagyz edilmegi ugrunda giň gerimli işler amala aşyrylýar, pudagyň maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli pugtalandyrylýar. Hususan-da, el halylaryny dokamagy ösdürmek, haly we haly önümleriniň önümçiligini hem-de ýerlenilmegini kämilleşdirmek, bu gadymy sungatyň halkyň durmuşy bilen aýrylmaz baglanyşykly baý milli mirasyny, medeniýetini, taryhyny açyp görkezmek boýunça bellenen wezipeler üstünlikli ýerine ýetirilýär.

Daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan hem-de eksporta gönükdirilen önümleriň öndürilişini artdyrmak, täze senagat ugurlaryny döretmek boýunça amala aşyrylýan giň möçberli işleriň netijesinde bäsdeşlige ukyply önümleriň sanawy barha artýar. Bu ugurda ýurdumyzyň telekeçileriniň hem goşandy uludyr. «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli



maksatnamasynda», 2022–2028-nji ýyllar üçin Prezident maksatnamasynda, Türkmenistanyň 2023-nji ýyl üçin maýa goýum Maksatnamasynda, şeýle-de ýurdumyzda amala aşyrylýan beýleki maksatnamalarda döwlet-hususyýetçilik hyzmatdaşlygyny, hojalygy ýöretmegiň netijeli usullaryny giňden ornaşdyrmaga, bazar gatnaşyklary şertlerinde telekeçileriň bu işlere işjeň çekilmegine uly ähmiýet berilýär.

**Guwanç ALLABERDIÝEW,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

# Ýaşlar syýasaty dabaralanýar

Eziz Watanymyzda ýaşlary hemmetaraplaýyn goldamak wezipesi maksatnamalaýyn alnyp barylýar. Ýaşlaryň kuwwatyndan netijeli peýdalanmagyň, her bir ýaş raýatyň konstitusion hukuklaryny amala aşyrmagynyň, saglygyny we ömrüni gorap saklamagynyň hem-de berkitmeginiň, bilim almagynyň, wagtyny netijeli peýdalanmagynyň, sport bilen meşgullanmagynyň, aýratyn zehinli ýaşlaryň höweslendirilmeginiň üpjün edilmegi üçin zerur şertler döredilýär.

2022-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda hormatly Prezidentimiz Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň VII gurultaýynda çykyş edip, möhüm, jogapkärli wezipeleriň toplumyny, döwlet ýaşlar syýasaty we milli ösüş strategiýalary barada belledi. «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşiniň kabul edilmegi ýaşlar syýasatynyň hukuk binýadyny pugtalandyryp, olar üçin döredilýän mümkinçilikleriň gerimini giňeltmäge gönükdirilendir. Kanun, ilkinji nobatda, ýaşlaryň bähbidini goraýar. Kanunyň esasy subýekti bolan ýaş raýatyň döwletiň iň gowy mümkinçiliklerinden we ýeňilliklerinden peýdalanmagy kanunda doly kepillendirilýär. Kanunyň maddalarynda döwlet syýasatynyň maksatlary we wezipeleri aýdyň kesgitlenip, şolaryň esasynda ony durmuşa geçirmegiň tärleri we çäreleri anyk salgy berilýär.

«Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde ýaşlar telekeçiligini ösdürmegiň usullaryny işläp taýýarlamak hem-de telekeçiler tarapyndan döredilen, işgärleriniň 75 göterimi ýaşlardan ybarat bolan we «ýaşlar kärhanasy» diýlip



atlandyrylýan kärhanalara döwlet goldawyny bermek boýunça ýeňillikler göz öňünde tutulandyr. Bu Kanuna laýyklykda, bilim edaralaryny tamamlap, işe täze kabul edilen ýaş hünärmenleriň girdeji salgydyny tölemeginiň ýeňillikli tertibi kepillendirilendir. Kanunda ýaşlaryň bilim almagynyň üznüksizligini gazanmak maksady bilen, mekdep uçurymlary üçin harby gulluga çagyryş möhletini wagtlaýyn yza süýşürmek göz öňünde tutulandyr.

Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda ösüp gelýän ýaş nesle döwrebap bilim we terbiýe bermek üçin döredilýän amatly şertler ýaşlaryň dünýä derejesinde bilim almagyna, dünýägaraýşynyň artmagyna gönükdirilendir. Umumybilim berýän orta we ýöriteleşdirilen orta mekdepleriň, şeýle-de çagalar baglarynyň dünýäniň iň öňdebaryjy tehnologiýalary bilen enjamlaşdyrylmagy, multimediýa we häzirki zaman kompýuterler bilen üpjün edilmegi, interaktiw usullaryndan peýdalanmak mümkinçilikleriniň döredilmegi ýaşlaryň ylmyň gazananlaryny üstünlikli özleşdirmäge, gözýetimini giňeltmäge, ylym älemine bolan gyzyklanmany döretmäge giň ýol açdy.

Ýaş nesillerimiziň üstünlikleri – Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüne gadam basan ýurdumyzyň üstünlikleridir. Ýaş raýatlarymyzyň döwrebap bilim almaklary, şeýle-de olaryň geljekki hünärini saýlamaklary, öz ukyp-başarnyklaryndan doly peýdalanmaklary, durmuş meýilnamalaryny amala aşyrmaklary üçin ähli şertler döredilýär. Bu möhüm wezipeleri amala aşyrmak üçin ýurdumyzyň dürli künjeklerinde ähli mümkinçilikler döredilendir. Şol mümkinçiliklere esaslanyp, ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine kabul edilýän talyplaryň sany ýyl-ýyldan artdyrylýar.

Goý, türkmen halkynyň eşretli durmuşda ýaşamagy, ýaş nesilleriň ylymly-bilimli, milli ruhumyza kybap edep-terbiýeli bolmagy ugrunda uly tagallalar edýän Arkadagly Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun, beýik işleri rowaçlyklara beslensin!

**Gözel ANNAGELDIÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

# MAGTYMGULY PYRAGY – HALKYMYZYŇ MILLI BUÝSANJY

Häzirki döwürde edebi mirasymyzy öwrenmäge we dünýä halklarynyň arasynda ýaýbaňlandyrmaga örän uly üns berilýär. Halkara ylmy jemgyýetçiligi bilen bilelikde dünýäniň medeni ösüşine uly goşant goşan türkmen alymlarynyň, şahyrlarynyň döredijilik mirasy çuňňur öwrenilýär. 2024-nji ýylda beýik türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygy halkara derejede belleniler. Magtymguly Pyragy ajaýyp şygyrlary bilen türkmen we dünýä edebiýatyna uly goşant goşan beýik akyldar hökmünde tanalýar. TÜRKSOÝ-yň medeniýet ministrleriniň hemişelik geňeşiniň 39-njy mejlisinde 2024-nji ýylyň Magtymguly Pyragy ýyly diýlip yglan edilmegi guwandyryjy habar boldy.

Mukaddes Garaşsyzlyk ýyllary içinde beýik akyldar şahyrymyzyň adyny ebedileşdirmäge, döredijiligini wagyz etmäge döwlet derejesinde uly üns berilýär. Magtymgulynyň hormatyna bagyşlanyp, her ýyl şygryýet baýramçylygy bellenilýär. Ýurdumyzyň Ýaşlar guramasy, baýry bilim ojagy bolan Türkmen döwlet uniwersiteti, paýtagtymyzyň esasy şaýollarynyň biri Magtymgulynyň adyny göterýär. Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň beýleki halklaryň arasynda uly hormata mynasypdygyna şol ýazgylaryň diňe käbirine ser salanyňda-da göz ýetirmek bolýar. Şahyryň beýik, ölmez-ýitmez eserleri bilen birlikde, onuň döredijiligine bagyşlanan neşirleriň hem ýaş nesil üçin uly ähmiýeti bardyr.

Şahyr öz döredijiliginde adamlaryň arasyndaky hormat-sarpany, sylagy belent derejä göterýär. Akyldar şahyr öz goşgy setirleriniň üsti bilen Watanyň bahasyna ýetip bolmajak baýlykdygyny hem-de onuň gadyr-gymmatyny beýan edýär. Şahyryň şygyrlary ruhy goldawa teşne ynsanyň kalbyny ruhlandyrýar. Magtymguly Pyragynyň dürdäne paýhaslary nesillere halkymyza mahsus bolan iň ajaýyp adamkärçilik sypatlaryny ündeýär. Ýurdumyzda Magtymguly Pyragynyň döredijiligine, edebi mirasyna uly sarpa goýlup, dürli ylmy-amaly maslahatlar, medeni çäreler yzygiderli geçirilýär. Magtym-



guly Pyragy türkmen halkynyň abraýyny, mertebesini belent derejelere göteren beýik akyldar şahyr, milletiň ruhunyň synmajak sütüni bolup durýar. Ol öz döredijiliginde halkymyzyň agzybirligini berkitmegi, özbaşdak döwlet gurmagyny gazanmagy, adam mertebesini belent derejä götermegi ussatlyk bilen beýan etmegi başarypdyr.

Hemmämiziň bilşimiz ýaly, 2014-nji ýylda akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 290 ýyllygy dabaraly ýagdaýda bellenilip geçildi. 2024-nji ýylda bolsa şahyryň doglan gününiň 300 ýyllygynyň uly joşgun bilen bellenilmegine taýýarlyk görülýär.

Öz halkynyň isleg-arzuwy bilen ýaşan we döreden beýik akyldar Magtymguly Pyragy halkyň agzybirligi ugrunda bütin ömrüni bagyş eden söz ussadydyr. Hut şonuň üçin hem onuň döredijiligi halkymyzyň milli buýsanjydyr. Türkmen halky özüniň beýik şahyr ogly Magtymgulynyň edebi mirasyna uly sarpa goýýar.

Şahyryň eserleriniň dünýäniň dürli halklarynyň dillerine terjime edilmegi diňe bir ýurdumyzyň däl, eýsem, dünýä medeniýetiniň buýsanjy bolan beýik söz ussadynyň şahsyýetine we mirasyna gyzyklanmany artdyrdy. Onuň hormatyna Köpetdagyň gerşinde Aşgabat şäherine görk berip duran ýadygärligiň bina edilmegi, akyldaryň dogduk mekanynda, adyny göterýän etrabynda Magtymguly Pyragynyň medeni ýadygärlikler toplumynyň we muzeýiniň açylmagy, şeýle hem ýurdumyzda alnyp barylýan ynsanperwerlik ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasatymyzyň netijesinde Russiýa Federasiýasynyň Astrahan oblastynda Magtymguly Pyragynyň adyny göterýän mekdep bilen birlikde ýadygärlik heýkeliniň, Türkiýäniň Ankara şäheri bilen Özbegistanyň Daşkent şäherinde bolsa, beýik akyldaryň ýadygärlik heýkeliniň gurulmagy halkymyzyň akyldar ogluna goýýan çäksiz hormatynyň nyşanydyr.

Magtymguly Pyragynyň eserleriniň dürli dillere terjime edilmegi, dürli ýurtlarda dana şahyrymyzyň ýadygärliginiň dikeldilmegi, baý edebi mirasynyň çuňňur öwrenilmegi ugrunda uly tagallalar edilýär. Akyldar şahyryň döredijiligine, edebi mirasyna çäksiz hormat-sarpa goýýan Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň bu ugurda alyp barýan işleri kalbymyzda egsilmez şatlygy döredýär.

**Aýgül SÄDIÝEWA,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň daşary ýurt dilleri kafedrasynyň mugallymy.*

# SAGDYN DURMUŞ ÝÖRELGESI – RUHUBELENTLIGIŇ ÇEŞMESI

Ýylyň her bir paslynyň öz aýratynlygy bolýar. Tebigatda her paslyň alamatlary birbada ýüze çykman, olar dura-bara peýda bolýarlar. Munuň özi adam saglygyna hem uly täsir edýär. Daşky gurşawyň üýtgäp durýan şertlerine hem adam bedeni dem alşyň, ýürek urgularynyň, arterial gan basyşynyň üýtgemegi bilen jogap berýär. Bu bolsa, gartaşan adamlara, dowamly kesellerden, ýürek-damar we nerw kesellerinden ejir çekýänlere ýaramaz täsir edýär. Sepgit döwründe käbir adamlarda dem alyş ýygylaşýar, ýürek-damar we nerw ulgamlarynyň işi gowşaýar. Adamlarda gowşaklyk, ysgynsyzlyk, gan basyşynyň peselmegi ýa-da ýokarlanmagy, ukusyzlyk, göwnüçökgünlik ýaly alamatlaryň ýüze çykaryp biler.

## ARASSA HOWADA GEZELENÇ ETMELI

Arassa howada taplanmak sagdynlygyň girewidir. Howa adamyň bedenindäki maddalaryň alyş-çalşygyna, endamynyň hereketine täsir edýär. Bag-bakjalaryň, tokaýlaryň, seýilgähleriň howasy adamyň bütin bedenine oňaýly täsir edýär. Arassa howada gezelenç etmek we kiçi ýaşly çagalary oýnatmak peýdalydyr. Arassa howada gezelenç edilende, pasyla görä geýinmeli, daşa çykmazdan öň burun boşlugyna oksolin melhemini çalmaly. Arassa howada gezelenç etmek özüňi rahat, ýeňil, sagdyn duýmagyň, keýpiçag bolmagyň, ukyňy rahat almagyň hem-de ömrüň uzalmagynyň iň ajaýyp usulydyr.



## HEREKETDE BOLMALY

Her bir ynsan ýaşyna garamazdan, hereketde bolmaly. Hereketliligiň adam bedeniniň taplanmagynda, berkemeginde ähmiýeti uludyr. Hereket etmek, maşklary ýerine ýetirmek, ýöremek, ýüzmek, ylgamak, welosiped sürmek, gimnastika bilen meşgullanmak saglyk üçin juda zerurdyr. Gündelik hereketde bolmak sagdynlygy, işe ukyplylygy, adamyň kesellere garşy ukybyny berkidýär. Dürli görnüşdäki hereketler ýürek, gan damar, dem alyş, nerw we adam bedeniniň beýleki agzalarynyň sazlaşykly işlemegine ýardam berýär. Bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmagyň ähli keselleriň öňüni almakda, ony bejermekde peýdasy uludyr.

## WITAMINLERE BAÝ ÖNÜMLERI IÝMELI

Kadaly we dogry iýmitlenmek adama güýç, saglyk berýär, sazlaşykly we doly ösüşi üpjün edýär, kesellerden goraýar we ýokanç kesellere garşy göreşmäge kömek edýär. Adamlar öz gündelik iýmitlerinde miweleri, ir-iýmişleri, gök-bakja hem süýt önümlerini köp mukdarda ulanmalydyr. Witaminlere, minerallara, mikroelementlere baý, bedenden zäherli maddalary (toksinleri) çykarmaga kömek edýän miweleri, gök önümleri iýmeli. Sitrus miwelerde (limon, pyrtykal, mandarin) witaminler uzak wagtlap saklanýar. Ýokary hilli beloklar saklanýan balygy we ýumurtgany, däneli ösümlikleri (süle, greçka, tüwi) hem iýmegi ýatdan çykarmaly däl. Deňiz balygynda, deňiz keleminde, süýt önümlerinde köp saklanýan D witamininiň goşmaça mukdaryny Gün görünmeýän bulutly, ýagyşly-garly günlerde hökman kabul etmeli.

Elbetde, ýokardaky aýdylanlardan daşary hem özüňe sagdyn durmuş ýörelgesini, ýagny, ilkinji nobatda sagdynlyga ymtylmak üçin hereket etmek, iň esasy hem zyýanly endiklerden daşda durmak, öz söýýän käriňde höwesli işlemek, okamak, döretmek, kadaly iýmitlenmek, şahsy arassaçylyk düzgünlerini berjaý etmek, gözelliklere guwanmak, arassa howada gezelenç etmek, işdäki, öýdäki asudalygy we agzybirligi saklamak - bu zatlaryň ählisi bir ýere jemlenende saglygyňyzy goramakda uly ähmiýete eýedir.

**Güljahan ÇARYÝEWA,**
*TSG we DSM-iň Saglygy goraýyş-anyklaýyş merkeziniň direktory.*

# Bilimli ýaşlar - Watanymyzyň geljegini gurujylar

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda täze taryhy döwürde döwletimiz gülläp ösýär. Ýurdumyzda bilim ulgamyny kämilleşdirmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolmak bilen, bu babatda durmuşa geçirilýän işler buýsandyrýar. Bilim ulgamynyň maddy-tehniki, şeýle-de ylmy-usulyýet binýadyny berkitmek we döwrebaplaşdyrmak işleri möhüm orny eýeleýär. Bu ugurda alnyp barylýan işler toplumlaýyn we yzygiderli häsiýete eýedir. Döwlet Baştutanymyzyň tagallasy bilen ýurdumyzda häzirki zamanyň talaplaryna laýyk gelýän ylmy-tehnologik enjamlary we okuw-tehniki serişdeleri bilen üpjün edilen täze çagalar edaralarynyň, okuw mekdepleriniň, çagalar we ýaşlar üçin çeperçilik merkezleriniň, sport meýdançalarynyň bina edilmegi bu hakykaty doly tassyklaýar.

Hormatly Prezidentimiziň 17-nji martda sanly ulgam arkaly geçiren Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisiniň barşynda 2023–2024-nji okuw ýylynda umumy orta bilim berýän mekdeplerine 1-nji synpa okuwa kabul edilýän okuwçylara noutbuk kompýuterlerini sowgat bermek bilen bagly degişli resminama gol çekmegi ýurdumyzda ýaş nesilleriň döwrebap bilim-terbiýe almagy, innowasion tehnologiýalardan oňat baş çykarýan, giň gözýetimli hünärmenler bolup ýetişmeginiň ýolunda möhüm ädimleriň biri boldy. Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda ak mekdeplere gadam basjak alty ýaşly çagalara sowgat ediljek kompýuterleriň kämil programma üpjünçiligi, ýadynyň göwrümi we işjeňligi bilen ta-



pawutlanjakdygy guwanç bilen bellenilmeli ýagdaýdyr.

Bilim ojaklarynyň häzirki zaman ösen innowasiýa tehnologiýalary bilen enjamlaşdyrylmagy netijesinde ýaşlarymyz elektron tilsimatlaryndan peýdalanyp, täze tehnologiýalary amal etmegi üstünlikli özleşdirýärler. Sanly bilim ulgamy arkaly ýaşlar bilimler dünýäsine has içgin aralaşyp, teleköpri ýa-da onlaýn arkaly guralýan okuw sapaklara, daşary ýurt bilim edaralarynyň yglan eden internet bäsleşiklerine gatnaşýarlar we öňdäki orunlara mynasyp bolýarlar. Bu olara ussatlyklaryny artdyrmaga, zehinini açyp görkezmäge, öwrenenlerini tejribede ulanyp, deňduşlary bilen bäsleşmäge şert döredýär. Şeýle-de, sanly tehnologiýalary ulanmak bilen, ýaşlara internetiň maglumat gorundan, elektron kitaphanasyndan, elektron poçtadan peýdalanmak elýeterli bolýar.

Ylym ulgamyna döwlet tarapyndan goldaw bermek, geljegi uly ylmy barlaglary, işläp taýýarlamalary maliýeleşdirmek ýaly ugurlar üns merkezinde saklanylýar. Ylmy işleri ösdürmek, ylmy-barlag işlerini toplumlaýyn esasda geçirmek we onuň netijelerini önümçilige ornaşdyrmak üçin ähli zerur şertler döredilýär. Bu babatda daşary ýurtly alymlar ýurdumyzda döwrebap ylmy düzümiň bardygyny, oňa hormatly Prezidentimiziň goldawy we üns bermegi netijesinde täzeçil işlemek üçin zerur mümkinçilikleriň döredilendigini nazara alyp, türkmen kärdeşleri bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny giňeltmäge uly isleg bildirýärler.

Bilimli ýaşlar Watanymyzyň geljegini gurujylardyr. Türkmen halkynyň döredijilik ýol-ýörelgesiniň mizemez binýady hem hut ýaşlaryň elindedir. Olar milletimiziň mertebesidir, şöhratly taryhymyzyň baky dowamatydyr. Ykbaly gülläp, bagt guşy asuda asmanynda ganat ýaýan türkmen ýaşlarynyň bu günki günde ümzügi ileri, maksatlary aýdyňdyr. Ol aýdyňlyk bolsa türkmen halkynyň geljegini şöhlelendirjek bilimli ýaşlardyr.

**Gözeljemal AGABAÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallym-öwrenijisi.*

## DÜNÝÄ HABARLARY

### gysga setirlerde



► **Nebitiň eksportuny artdyrýar.** Russiýa geçen ýyl nebitiň daşary bazarlara, şol sanda Hytaýa eksportyny artdyrdy. Bu barada Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň Başlygynyň orunbasary Aleksandr Nowak habar berdi. Ol Hytaýa nebitiň eksportunyň geçen 2022-nji ýylda 8 göterim artandygyny belledi.



► **Jahankeşdeleriň sany artar.** Müsüriň syýahatçylyk we gadymyýet ministri Ahmed Issa Müsürde täze milli syýahatçylyk strategiýasyny hödürledi, şoňa laýyklykda, 2028-nji ýyla çenli ýurda gelýän syýahatçylaryň akymy 25-30% ýokarlanyp, 30 milliona ýetmeli. Bu barada «Daily News Egypt» neşiri habar berdi.



► **Aýgül atly gül goralar.** Gyrgyzystandaky «Aýgül–Too» goraghanasyny seýrek duş gelýän aýgül atly güli goramak üçin üç ýyl möhlet bilen ýapmak kararyna geldiler. Sebäbi aýgül gülleri ýitip barýan ösümlik görnüşlerine degişli bolup, Gyzyl kitaba girizildi. Bu gül uzyn baldaklary we açyk-mämişi gül ýapraklary bilen tapawutlanýar.



► **Wiza almak üçin web-saýt.** Hindistanda täze «India Visa Online» web-saýty döredildi. Onuň üsti bilen Hindistana baryp görmek isleýänler wiza almak üçin arza berip bilerler. «India Visa Online» serwisinde syýahatçylyk wizasyndan başga-da, lukmançylyk wizasyny hem alyp bolýar.



► **Işçi güýjüniň ýetmezçiligi artar.** Ýaponiýanyň zähmete ukyply ilaty 2020-2040-njy ýyllarda 20% azalyp biler. Bu barada «Recruit Works Institute» ylmy-barlag guramasy habar berdi. 2040-njy ýylda ýurtda zähmete ukyply ýaşaýjylaryň 59,8 milliony bolar, işçi güýjüniň ýetmezçiligi bolsa, 11 milliondan agyp biler diýlip bellenilýär.



► **Pars aýlagynyň ýurtlarynyň karary.** Birleşen Arap Emirlikleriniň, Russiýanyň, Saud Arabystanynyň we Gazagystanyň şu ýylyň aýagynda nebitiň çykarylyşyny azaltmak meýilnamalary barada habaryň yzysüre Kuweýt, Oman hem-de Yrak «gara altynyň» gazylyp alynýan möçberlerini azaltmakçydygyny yglan etdiler.



► **Tematiki seýilgäh açylar.** Şu ýylyň 16-njy iýunynda Tokioda Garri Potter baradaky filmleriň esasynda tematiki seýilgäh açmak meýilleşdirilýär. Myhmanlar ol ýerde jadygöý oglanjyk baradaky dekorasiýalary we egin-eşikleri görerler diýip, «The Japan Times» neşiri habar berýär.



► **Sürüjisiz taksiler hereket edýär.** Pekiniň eteginde sürüjisiz taksi hyzmatlary ýola goýlup, bu akylly ulag ulgamynda täzelik boldy. Şu ýylyň mart aýynda «Baidu Inc.» we «Pony.ai» kompaniýalaryna «Içžuan» tehniki-ykdysady ösüş zolagynyň 60 inedördül kilometr meýdanynda 10 sany sürüjisiz ulagy işe girizmäge ygtyýar berildi.

► **Ýurda girdeji getirýär.** Ýaponiýada şu ýyl syýahat çäklendirmeleriniň ýatyrylmagy sebäpli sakuranyň gülleýän möwsümi syýahatçylaryň has köpüsini özüne çekýär. Hünärmenleriň geçiren barlaglaryna görä, bu ýurduň býujetine 616 milliard ýen (4,7 milliard dollar) getirer. Ýaponlar bu agajy arzylap, oňa uly hormat goýýarlar.



## TARYHDA ŞU GÜN

■ **1827-nji ýylyň 7-nji aprelinde iňlis farmasewti Jon Woker ilkinji otluçöpi aklawçy Niksona satýar. Woker, köplenç bolşy ýaly, tötänden açyş edýär. Ol farmasewt bolansoň, himiki serişdeleri çöp bilen garyşdyrýan eken. Çöpüň ujundaky gatap galan garyndyny aýyrmak üçin daşa sürtende ol ýanýar. Şondan soň ol täze synaglary geçirip, birnäçe wagtdan şertnama baglaşýar.**



# ÇERNOGORIÝANYŇ TÄZE PREZIDENTI

**2-nji aprelde Çernogoriýada geçirilen prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda öňki ykdysadyýet ministri Ýakow Milatowiç ynamly ýeňiş gazandy. Şeýlelik-de, 1991-nji ýyldan bäri uly bolmadyk arakesmeler bilen ýurdy dolandyrýan häzirki Prezident Milo Jukanowiç ýeňiş gazanyp bilmedi.**



**Saýlaw toparynyň maglumatlaryna görä, Ýakow Milatowiç ýurtda geçirilen saýlawlarda sesleriň 60%-den gowragyna, Milo Jukanowiç bolsa 40%-den gowragyna eýe boldy. 37 ýaşly Milatowiç, sagçy «Ýewropa häzir» hereketiniň esaslandyryjy agzasy bolup, partiýanyň başlygynyň orunbasary wezipesinde işledi. Milatowiçiň kampaniýa wadalarynda, esasan, korrupsiýa garşy göreş, ilatyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmak, şeýle-de Çernogoriýanyň Ýewropa Bileleşiginiň agzalygyna kabul edilmegini gazanmak ýaly wezipeler bar.**

**Saýlawlardan soň, Milo Jukanowiç ýeňlendigini mälim edip, bäsdeşini ýeňşi bilen gutlady. – Çernogoriýada Prezident saýlawlary üstünlikli geçirildi. Men halkyň saýlan Prezidentine aýratyn hormat goýýaryn – diýip, ozalky Prezident aýtdy. Saýlawlara gatnaşyk, takmynan, 70%-e deň boldy.**

**Ýurduň Prezidenti bäş ýyl möhlet bilen ses bermek arkaly saýlanyp, iki möhletden köp bu wezipede galyp bilmeýär. Çernogoriýa parlament Respublikasy bolup, döwlet Baştutany, esasan, wekilçilikli wezipeleri ýerine ýetirýär. Şeýle-de bolsa, ol Ministrler Kabinetini düzmekde we Premýer-ministri hödürlemekde möhüm rol oýnaýar.**

**Maglumatlara görä, häzirki wagtda Çernogoriýada 630 müňden gowrak adam ýaşaýar.**

# Milli bileleşik partiýasy ýeňiş gazandy

Finlýandiýanyň sagçy Milli koalisiýa partiýasy (NKP) 2-nji aprelde geçirilen parlament saýlawlarynda ýeňiş gazandy, ýöne iň ýakyn bäsdeşleri «Hakyky finler» we Sosial-demokratlardan az tapawut bilen öňe saýlanmagy başardylar. Saýlawlaryň netijeleri ýurduň ýustisiýa ministrligi tarapyndan mälim edildi.

NKP sesleriň 20,8%-ine eýe boldy (48 orun). «Hakyky finler» partiýasy 20,1% (46 orun) bilen ikinji orny eýeledi. Premýer-ministr Sanna Mariniň ýolbaşçylygyndaky koalisiýadaky dolandyryjy Sosial-demokratik partiýasy (SDP) sesleriň 19,9%-i bilen (43 orun) üçünji orna eýe boldy.

«Finlýand merkezi» partiýasy 11,3% (23 orun), Finlýandiýanyň Çep bileleşigi 7,1% (11 orun), «Ýaşyllar» bileleşigi 7% (13 orun), Şwed halk partiýasy 4,3% (9 orun), Finlýandiýanyň hristian partiýasy 4,2% (5 orun) we «Häzir» hereketi 2,4% (1 orun) ses aldylar.

Saýlawlara gatnaşyk 71,9% boldy. Bu görkeziji dört ýyl ozal, 72,1%-e ýeten öňki saýlawlar bilen deňeşdirilende üýtgemedi diýen ýaly. Finlýandiýanyň Premýer-ministri Sanna Marin saýlawlarda Sosial-demokratik partiýasynyň ýeňlendigini boýun aldy, Petteri Orpo bolsa, baştutanlygyndaky NKP-niň ýeňşini mälim etdi.

**SAÝLAWLAR BARADA**

● Saýlawlaryň resmi netijeleri 5-nji aprelde tassyklandy. Finler 22 partiýadan 2 müň 424 dalaşgär saýlady, bu öňki saýlawlara garanyňda, 44 syýasatçy az we 3 partiýa köp. Bu syýasy çärede 18 ýaşdan uly raýatlar ses berdiler. Dalaşgärleriň ortaça ýaşy 45,8, saýlawçylaryňky bolsa 51,7 ýaş.



Finlýandiýada öňki parlament saýlawlary 2019-njy ýylyň ýazynda geçirildi. Netijede, bäş partiýanyň wekillerinden hökümet döredildi. Olar ýeňiji Sosial-demokratik partiýa (SDP), «Finlýand merkezi», şeýle hem kiçi koalisiýa bileleşigi «Ýaşyllar», Finlýandiýanyň Çep bileleşigi we Şwed halk partiýasy ýaly syýasy partiýalardan ybarat.

# Dört dalaşgär öňe saýlandy

Maý aýynda Türkiýede geçiriljek prezident saýlawlaryna dört dalaşgär kabul edilip, olaryň arasynda ýurduň häzirki Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogan bar. Bu barada Ýokary saýlaw toparynyň başlygy Ahmet Ener habar berdi.

Ärdogandan başga-da, Kemal Kylyçdaroglu, Muharrem Inje we Sinan Ogan döwlet Baştutany wezipesine dalaşgär hökmünde öňe saýlandylar. Ýokary saýlaw topary gol ýygnamak işleri gutarandan soň öz kararyny mälim etdi. Ärdogan we Kylyçdaroglu parlament toparlary tarapyndan hödürlendi, şonuň üçin olara gol ýygnamak zerurlygy bolmady.



Türkiýede prezident we parlament saýlawlary şu ýylyň 14-nji maýynda geçiriler. Belläp geçsek, mart aýynyň başynda Türkiýäniň Prezidenti umumy saýlawlary geçirmek baradaky karara gol çekipdi.

Kylyçdaroglu we Türkiýäniň häzirki Prezidenti Ärdogan öňde boljak saýlawlarda esasy bäsdeşler bolar. Iň soňky jemgyýetçilik pikir soralyşygy Türkiýede geçiriljek Prezident saýlawlarynyň iki tapgyrda geçirilip bilinjekdigini görkezýär. 2018-nji ýylyň 24-nji iýunynda geçirilen öňki Prezident saýlawlarynda Ärdogan 52,6% ses alyp, ýeňiş gazanypdy.

# Bütindünýä bankynyň täze başlygy bolar

«Mastercard» maliýe edarasynyň öňki başlygy Ajaý Banga Bütindünýä bankynyň başlygy bolar. Bu barada ABŞ-nyň maliýe ministri Janet Ýellen öz pikirini öňe sürdi diýip, «Financial Times» neşiri habar berdi.

Bütindünýä bankynyň ýolbaşçysy wezipesine dalaşgärleri hödürlemek 29-njy martda tamamlandy, şol wagt diňe Ajaý Banganyň dalaşgärligi öňe saýlanýardy. Ony fewral aýynda ABŞ-nyň Prezidenti Jozef Baýden hödürläpdi.



Bütindünýä bankynyň häzirki başlygy möhletinden bir ýyl öň işinden çekilmekçi bolýar. Neşir soňky hepdelerde Ajaý Banganyň Bütindünýä bankynyň wezipesindäki işinde zerur bolan maglumatlary toplaýandygyny ýazýar.

63 ýaşly Banga Hindistanda doguldy, ýöne Amerikanyň raýatlygyna eýe. Fewral aýynda ABŞ-nyň maliýe ministrligi tarapyndan iýun aýynyň ahyrynda boş boljak Bütindünýä bankynyň başlyklygyna dalaşgärleriň sanawynyň gyssagly düzülýändigi habar berlipdi. Şunda dalaşgärleriň howa meseleleri boýunça garaýyşlary aýratyn nazara alynýar.

# Wezipä gaýtadan bellendi

Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew Respublikanyň Premýer-ministri wezipesine Alihan Smailowy gaýtadan belledi. Bu barada döwlet Baştutanynyň metbugat gullugy habar berdi. «Smailow Alihan Ashanowiçi Gazagystan Respublikasynyň Premýer-ministri wezipesine bellemeli» diýlip, Prezidentiň kararynda bellenilýär.



Smailow 2022-nji ýylyň ýanwaryndan bäri Respublikanyň hökümetine ýolbaşçylyk edip gelýär. Mundan öň, Mažilisiň (parlamentiň aşaky palatasy) deputatlary Smailowyň dalaşgärligini tassykladylar. Oňa Mažilisiň 82 agzasy goldaw berdi. 50 ýaşly Alihan Smailow 2020-nji ýylyň maý aýyndan bäri Gazagystanyň Premýer-ministriniň birinji orunbasary bolup işledi. 2019-njy ýylyň fewral aýyndan Premýer-ministriň birinji orunbasary, maliýe ministri we Prezidentiň kömekçisi ýaly wezipelerde işledi.

Ýurduň Mažilisiniň deputatlarynyň saýlawlary 19-njy martda bolup, 98 ornuň 62-sini iň uly partiýa «Amanat» gazandy.

# Maýa goýumlaryny ösdürýär

Geçen ýyl Wengriýa dürli kynçylyklara garamazdan 10 milliard ýewro möçberinde göni daşary ýurt maýa goýumlaryny ýurda çekdi. Bu ýyl ýurduň hökümeti hususy kompaniýalary satyn almak, bar bolan mümkinçilikleri gaýtadan ulanmak we täze kärhanalary gurmak arkaly maýa goýum işjeňligini höweslendirmek boýunça meýilnamalary işläp düzýär. Bu barada ýurduň Ykdysady ösüş ministrligi tarapyndan mälim edildi. Maksatnama baradaky anyk maglumatlar birnäçe hepdäniň içinde aýan ediler.

Hökümetiň eýýäm gaýtadan senagatlaşdyrmak boýunça 700 milliard forint möçberinde karz maksatnamasyny işe girizendigi bellendi. Bu maksatnama kärhanalara arzan maýa goýumlaryny almaga we dolanyşykdaky sermaýanyň üstüni doldurmaga mümkinçilik berýär. Hünärmenler göni daşary ýurt maýa goýumlary üçin has uly bäsdeşlik boljakdygyny çaklaýarlar.

«Hökümet täzelerini işläp düzmek bilen bir hatarda, bar bolan ykdysady maksatnamalaryny goldaýar. Şeýle-de, hö-



kümetiň goldaw bermek baradaky kararlarynyň ähmiýeti güýçlendirilip, karzlary bermek ukyby has-da gowulandyrylmaly» diýip, ministrlikde belleýärler.

# Halkara maýa goýum forumy geçiriler

Özbegistanyň paýtagtynda ikinji Daşkent halkara maýa goýum forumyna (TIIF-2023) taýýarlyk görülýär. Bu barada Özbegistanyň hökümet portaly habar berýär. Forum 27-28-nji aprelde «Tashkent City Congress Hall» binasynda geçiriler. Forumyň esasy maksady Özbegistanyň we Merkezi Aziýa ýurtlarynyň maýa goýum mümkinçiliklerini görkezmek üçin dünýäniň dürli ýurtlaryndan has köp maýadary bir ýere jemlemekden ybaratdyr.

Çäräniň çäklerinde 30-dan gowrak duşuşyklaryň, mejlisleriň, tegelek stollaryň we B2B formatyndaky gepleşikleriň geçirilmegine garaşylýar.

Ýatlap geçsek, birinji forum 2020-nji ýylyň mart aýynda geçirilipdi. Bu giň gerimli çärä dünýäniň 56 ýurdundan iki




müňe golaý wekil gatnaşyp, Özbegistandaky kärhanalaryň maýa goýum mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşypdylar.



# Arassa energiýa çeşmeleriniň paýyny artdyrmakçy

**Ýewropa Bileleşiginde gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň paýy 2030-njy ýyla çenli ýokarlanmalydyr. Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlar hem-de Ýewropa Parlamenti arassa energiýanyň sarp edilişini 42,5%-e çenli artdyrmak we gazylyp alynýan energiýa serişdeleriniň ulanylmagyna gysyş görkezmek barada ylalaşyk gazandy. «Euronews»-yň habaryna görä, hökümetler isleseler bu görkezijini 45%-e çenli ýokarlandyryp bilerler.**

**Bu maksatlara ýetmek boýunça kararda ýel we Gün elektrik stansiýalary üçin zerur infrastrukturanyň gurluşygyny çaltlandyrmak, şeýle hem suw elektrolizi arkaly «ýaşyl» wodorod öndürmek üçin işleri ýönekeýleşdirmek göz öňünde tutulýar.**

**– Indi biz döwletlere ýüzlenýäris: siziň Gün panellerini ýa-da ýel fermalaryny gurmak boýunça haýyş bilen ýüz tutmaga 12 aý wagtyňyz bar. Bir ýyldan soň Gün energiýasyny öndürmek üçin ýüz tutmasaňyz, bu awtomatik usulda siziň üstüňize ýüklener. Meniň pikirimçe, bu agza ýurtlarda ygtyýarnama amallaryny çaltlandyrmak üçin ajaýyp guraldyr – diýip, parlamentiň wekili Markus Piper kabul edilen karar baradaky pikirini beýan etdi.**

**Eger bu ylalaşyk gutarnykly görnüşde agza döwletler we Ýewropa Parlamenti tarapyndan tassyklansa, kanuny güýje eýe bolar.**

# Älemiň syrlaryny açmaga taýýnlanýar

**Häzirki wagtda meşhur «Jeýms Webb» kosmos teleskopy älemiň syrlaryny açmagy dowam etdirýärkä, NASA başga bir «Nensi Greýs Roman» kosmos teleskopyny uçurmaga taýýnlyk görýär. Täze teleskopyň 2027-nji ýyldan gijä galman uçurylmagy meýilleşdirilýär. Onuň döredijileri bu teleskopyň NASA-nyň ozalky ugradan missiýalaryndan hem has köp maglumat ýygnap, millionlarça galaktikany surata düşürip biljekdigine ynanýarlar.**



**NASA-nyň taslamasyna Ýewropa kosmos agentligi (ÝKA) hem gatnaşýar: ol missiýa wagtynda ýygnaljak täsin maglumatlardan peýdalanmak maksady bilen öz tehnologiýalaryny hödürleýär. ÝKA-nyň maglumatlaryna görä, «Jeýms Webb» we ondan öňki «Hubble» teleskoplarynyň görüş gerimleri pes bolmasa-da «Nensi Greýs Roman» has uly görüş ukybyna eýe bolar. Ýewropa kosmos agentliginiň ylmy amallary ösdürmek boýunça müdiri Marko Sirianniniň pikiriçe, täze teleskop has uzakdaky galaktikalary hem surata düşürmegiň hötdesinden geler.**

**NASA we onuň hyzmatdaşlary älemiň panoramik görnüşi arkaly dünýäniň astrofiziklerini gyzyklandyrýan soraglara jogap agtarmaga we Albert Eýnşteýniň umumy otnositellik nazaryýetiniň esasy ýörelgelerini derňemäge bil baglaýarlar. «Nensi Greýs Roman»-yň ýene bir maksady, biziň galaktikamyzyň çäklerinden täze ekzoplanetleriň gözleginde bolup, şeýle ekzoplanetalara eýe bolan ýyldyzlaryň sanawyny düzmekden ybarat.**

**Ýewropa kosmos agentligi indiki teleskop missiýasy üçin kosmos gämisiniň ýagdaýyny yzygiderli kesgitleýän kiçi teleskoplar, şeýle hem gämini we onuň beýleki enjamlaryny iýmitlendirmek üçin batareýalar bilen üpjün eder. Soňlugy bilen «Nensi Greýs Roman» milliardlarça galaktika barada maglumat ýygnar we alymlara Älemiň üç ölçegli modelini döretmäge kömek eder diýip, NASA-da belleýärler.**



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# IŞ OTURGYJYNDA NÄHILI OTURMALY?!

**Adamlaryň aglaba bölegi iş günlerini, ýagny hepdede 40 sagadyny oturymly durmuş ýörelgesine uýgunlaşmak esasynda iş oturgyjynda geçirýärler. Bu ýagdaý, esasan-da, kompýuterde işleýän hünärmenlerde has köp duş gelýär. Her gün oturgyçda oturyp işlemek arkada we eginlerde agyryny döretmek bilen bir hatarda, saglyga hem oňaýsyz täsirini ýetirip biler. Eýsem, iş stolunda nähili oturmaly?! Geliň, bu makalada oturgyçda dogry oturmagyň düzgünleri hem-de aralyk maşklaryň ýerine ýetirilişi bilen tanyş bolalyň!**



**Goldawly (ergonomik) oturgyç ulanyň!** Kompýuteriň başynda uzak wagtlap işlemekde iň gowy usullaryň biri ergonomik oturgyçdyr. Ýumşak hem maýyşgak häsiýetli bu oturgyçlar egniň we oňurganyň dogry saklanmagyna kömek edýär. Oňurganyň tebigy egriligine eýerýän, arka myşsalara goldaw berýän maýyşgak oturgyçlar saglyk bilen bagly käbir gaýra üzülmeleriň öňüni almaga kömek edip biler. Munuň üçin ilki bilen oturgyçda dogry oturmaly. Oturgyjyň arkasyna biliň we eginleriň degmeli. Monitora görä oturgyjyň beýikligini sazlamak hem esasy şertleriň biri bolup durýar. Oturanyňyzda kelläňiz monitoryň gabadynda durmaly hem-de ekrana göni seretmeli. Gytaklaýyn ýa-da aşakdan ýokary seredilende kellagyrynyň döremegine we görşüň peselmegine getirip biler. Oturgyçda oturylanda boýnuň dik saklanmagyny hem ünsden düşürmeli däl. Üns bermeli ýene bir zerurlyklaryň biri hem aýaklaryň durşudyr. Aýagyň daban bölegi ýere göni basylyp, dyzyň eplenişi 90 derejede (burç görnüşinde) saklanmaly. Aýaklaryň öňe-yza serpikdirilip oturylmagy myşsalaryň sozulmagyna hem-de gan aýlanyşyndaky käbir bökdençliklere getirip biler. Islendik oturgyçda oturylanda hem şu kadalara üns bermegi ýatdan çykarmaly däl.

**Postural maşklary ýerine ýetiriň!** Maşk etmek zyýanly täsirleri aradan aýyrmak üçin iň gowy usullaryň biridir. Postural maşky oturan ýeriňde bir-iki minutyň içinde ýerine ýetirip bolýar. Maşkyň ýerine ýetirilişi: stoluň üstünde eliňizi göni goýup, barmaklaryňyzy öňe uzatmaly hem-de birnäçe gezek barmaklaryňyzy gysyp-açyp hereket etdirmeli. Soňra eliňizi biri-birine sereder ýaly edip, döşüňize çenli keseligine ýokary galdyrmaly. Tirsekleri oturgyja tarap yza çekmeli hem-de çuňňur dem almaly. Täsir edişine görä, bu ýagdaýy birnäçe gezek gaýtalamaly. Mundan başga-da, iş şertine görä arassa howada biraz gezelenç edip, ýoga bilen meşgullanyp ýa-da tigir sürüp bilersiňiz.

**Ekrany sazlaň!** Kompýuteriň monitorynyň ýagtylygy we durşy bedeniň çalt ýadamagyna hem-de göze oňaýsyz täsirini ýetirýär. Monitory klawiaturanyň merkezinde göni goýmaly. Oturgyçda oturyp göni seredilende ekranyň duruş derejesi gözden 5-10 santimetr ýokarda bolmaly.

**Klawiaturanyň durşuna üns beriň!** Iş stolunda işlenende klawiaturanyň ýerleşişi hem öz täsirini ýetirýär. Düwmeler basylan wagty eliň we egniň dartylmagynyň öňüni almaly. Şol sebäpli klawiatura görä hereket etmän, otyrşyňyza görä klawiaturany sazlamaly. Ýagny bilekleriňizi parallel görnüşde saklamak esasynda eliňiziň basýan ýerinde klawiaturany goýmaly. Şeýle hem klawiatura düwmeleri özüňize tarap biraz galyp durmaly.

**Ýygy-ýygydan hereket ediň!** Bilermenler işlenilýän pursadynda her iki sagatdan ýeriňden turup, biraz dik duranyňdan soň gaýtadan oturmagy ýa-da 10-15 minut ýöräp, soňra işlemegi maslahat berýärler. Şeýle hem şol aralykda ýaşyl ösümliklere seretmek arkaly göz maşkyny ýerine ýetirmek hem peýdalydyr. Göz üçin iň gowy maşk 20 sekuntlap gözüňizi eliňiz bilen ýapyp saklap, gaýtadan açmakdyr.



## Çihuahua – tohum itleriniň iň kiçisi

Irki döwürlerden bäri dürli maksatlarda: aw awlamakda, ýiten zatlary tapmakda, poçta hyzmatynda ulanylýan tohum itleriniň 500 töweregi görnüşi bolup, şolaryň arasynda çihuahua özüniň daşky görnüşi bilen tapawutlanýar. Çihuahua dünýädäki iň kiçi tohum iti hasaplanýar. Esasan-da, Ýewropada öýde saklamak üçin maslahat berilýän tohum itleriniň iň meşhurlarynyň biri bolan çihuahua IX asyrda seçilip alynýar. Häzirki günlere çenli idedilýän bu tohum itiniň boýy 13-20 santimetre, agramy 0,5-3 kilograma ýetýär. Ýumşak tüýli tohum itiň bu görnüşiniň tegelek kellesi, uly dik gulaklary, monjuk ýaly gözleri bar. Çeýe hem hüşgär häsiýetli bu itler öýüň jaňjagazy hasaplanýar. Meksikanyň milli tohum iti bolan çihuahua 1904-nji ýylda Amerikan Kennel kluby (AKC) tarapyndan resmi taýdan ykrar edilýär.

### OÝNAWAÇMY ÝA-DA HAKYKY?

Çihuahua daşyndan göräýmäge matadan tikilen ýumşak oýnawaja meňzeýär. Bu itiň naýynjar hereketleri, özüni alyp barşy her bir ynsanda janly-jandarlara bolan söýgini we rehimdarlygy döredýär. Sowuk howa uýgunlaşmaýan, yssyny halaýan bu itleri her gün iki gezek naharlamak ýeterlik. Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabynda dünýäniň iň kiçijik tohum iti diýlip hasaba alnan çihuahua adamyň sözlerine düşünmek bilen bir hatarda, buýrulan ýumuşlary ýerine ýetirip bilýär. Eýesine aşa wepaly bolýan çihuahua ýüzmegi gowy görýär. Bulardan başga-da, bu kiçijik it bilen dürli oýunlary oýnap bolýar. Tohum itiniň bu görnüşiniň işeňňir we batyrgaý görünýändigine garamazdan, tiz ýadaýar hem-de çalt gahary gelýär. Çagalar üçin iň gowy güýmenjeleriň biri bolan çihuahua gorag ýa-da sakçy it bolman, öýdeçi itlerdir.

## BÜTINDÜNÝÄ STOL TENNISI GÜNI



Her ýylyň 6-njy aprelinde dünýäniň dürli künjeginde stol tennisiniň halkara güni bellenip geçilýär. Soňky ýyllarda ýörgünli bolan bu sport görnüşi ýaşlaryň arasynda has-da meşhurdyr. Gyzykly hem-de çekeleşikli geçýän stol tennisini oýnamak üçin merkezinden tor çekilen stol, kiçijik topjagaz we raketka gerek. Oýunda haýsy tarap topy ýere gaçyrsa ýa-da topy tordan geçirip bilmese, şol hem ýeňilýär. Stol tennisi ikileýin (her tarapdan bir oýunçy), jübütleýin we garyşyk toparlaryň arasynda geçirilýär. Köp ýurtda «ping-pong» ady bilen tanalýan stol tennisi Olimpiýa sportunyň bir görnüşidir.

### OÝNUŇ GYSGAÇA TARYHY

Stol tennisi ýapyk ýerde oýnalýan sport görnüşi bolup, ilkibaşda Hytaýda ýüze çykýar. Häzirki wagtda Hytaýyň milli sport görnüşi hasaplanýan stol tennisi bilen meşgullanýanlaryň sany örän köp. 1901-nji ýylda «ping-pong» ady bilen stol tennisiniň enjamlary satylyp başlanýar. Şol döwürler golf topy stoluň üstünde kitap ýa-da gaty kagyzlar bilen urlup oýnalypdyr. Soňlugy bilen stoluň üstünde tor döredilip, ýörite topjagaz we raketka oýlanyp tapylýar. 1902-nji ýylda resmi däl Dünýä çempionaty geçirilmezden ozal köp sanly stol tennisi ýaryşlary guralýar. 1926-njy ýylda Stol tennisi birleşigi döredilýär. Şol ýyl Halkara stol tennisi federasiýasy (ITTF) hem döredilýär. 1996-njy ýylda zenanlaryň arasynda ilkinji gezek stol tennisi boýunça Dünýä çempionaty geçirilýär. Oýny köpçülige tanyşdyrmak hem-de oýnuň meşhurlygyny artdyrmak maksady bilen 2015-nji ýylda Bütindünýä stol tennisi güni yglan edilýär.

### SAGLYGA PEÝDASY

Stol tennisi wagtyňyzy gyzykly geçirmek bilen bir hatarda saglyk üçin hem peýdalydyr. Sportuň bu görnüşi bilen meşgullanylýarka üns bir ýere jemlenýär. Adamyň şähdi açylyp, bedenini rahatlyk gurşap alýar. Şeýle hem gidip-gelýän topy yzarlamak üçin gözüň işjeňligi ýokarlanýar. Bu göz üçin iň gowy maşk bolup, nerw dartgynlylygy peselýär. Çeýeligi talap edýän stol tennisi 40 ýaşdan ulular üçin hem möhümdir. Sebäbi oýnuň dowamynda eginleriň, oňurga süňkleriniň, umuman gysga aralykda bedeniň sazlaşykly hereketi bolup geçýär. Aýagyň myşsalaryna güýç düşmek esasynda gan aýlanyşy kadalaşýar. Bu ýagdaý beýniniň işine hem oňaýly täsir edýär.

# ÇAGALAR

✓ Deňiz kenarynda çägä garyşýan kiçijik ýyldyzlar «Baclogypsina sphaerulata» diýlip atlandyrylýan bir öýjükli protozoanyň önümidir.

## Deňiz ýyldyzlary – çägeli tebigy täsinlik



**Deňiz kenarlarynda gezelenç edilýän pursatlarynda balykgulakdyr midiýalaryň we käbir deňiz jandarlarynyň gabygynyň çäge bilen garyşan toplumyna duş gelmek bolýar. Deňiz jandarlarynyň çägä garyşan gabyklary tebigatyň gözelligini artdyryp, syýahatçylarda ýatdan çykmajak duýgulary döredýär. Şeýle tebigy gözellikleriň biri hem deňiz ýyldyzjyklarydyr.**

**Deňiz kenarynda çägä garyşýan kiçijik ýyldyzlar «Baclogypsina sphaerulata» diýlip atlandyrylýan bir öýjükli protozoanyň önümidir. Protozoa gabygyny çalyşýan möwsüminde deňizde müňlerçe ýyldyzly gabyk toplanýar. Tolkunlaryň kenara getirip taşlamagy bilen deňiz ýyldyzjyklary çägä garyşýar. Şeýlelikde, ýyldyzly çäge emele gelýär. Möwsümleýin bolup geçýän bu hadysa dünýäde käbir ýerde duş gelýär. Syýahatçylyk pudagynyň käbir ugurlarynda öňdeligi eýeleýän Ýaponiýanyň Okinawa adasynda ýyldyzly çägede ýöräp, bu tebigy gözelligiň şaýady bolup bolýar. Esasan, Okinawanyň üç adasynda: Hatoma, Iriomote we Taketomi adasynda duş gelýän deňiz ýyldyzjyklary güýçli tupandan soň peýda bolýar.**

«Çyn dost bähbit gözlemez»

## SÖZI MANYSY BILEN ÖWRENELIŇ!

Edep-terbiýe we ahlaky ündewleriň biri bolan bu nakylda dostluk temasyna ýüzlenilýär. Türkmen halkynda dosta, dostlukly gatnaşyga uly üns berilýär. Dost iň kyn günüňde kömege gelip, begenjiňi, gaýgy-hasratyňy deň paýlaşýar. Dostlary biri-birine ysnyşdyrýan güýç ynam bolup, birek-biregiň ynamyny ödemek we kömek etmek esasy şertleriň biri bolup durýar. Nakylyň umumy manysyny jemlänimizde adamyň özüne çyn dost saýlamalydygy, hakyky dostuň hiç wagt bähbit gözlemeýändigi, ýagny özüne bähbitli tarapy üçin hereket etmeýändigi, çyn dostuň islendik ýagdaýda seni ýeke goýmaýandygy beýan edilýär.

Ata-babalarymyz çagalara kiçilikden özüne wepaly dost tutunmalydygyny ündäpdirler. «Köne dost – eýerli at» diýen nakyldan ugur alan pederlerimiz dostuňdan habar alyp durmagy we dostlukly gatnaşygyň hiç wagt könelmeýändigini beýan edipdirler. Türkmen halk döredijiliginde hem-de ýazuwly edebiýatda hem dostluk temasyna uly üns berilýär. Nusgawy şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde hem dostluk temasy esasy orny eýeläp, şygyrlarynyň içinden eriş-argaç bolup geçýär:

*Magtymguly, bolsa başly,*
*Uýalmaz gylyçly, aşly,*
*Duzy zor, duşmany güýçli,*
*Dosty wepaly bolmasa.*



Özüň ýasa!



Şekili reňkläň!



Labirint



7 tapawudy tapyň!



Sanlary birleşdiriň!



GAÝYBANA SYÝAHAT

## Italiýanyň «Alpino Baby Family» myhmanhanasy



Italiýanyň Andalo welaýatynyň Alpino daglyk obasyndaky «Alpino Baby Family» dünýädäki iň gowy çagalar myhmanhanasy hasaplanýar. Bäbeklerden başlap 6-8 ýaşly çagalara çenli aýratynlykda otaglary, ýapyk we açyk oýun meýdançalary bolan bu myhmanhana lyža meýdançasyndan 500 metr uzaklykda, uly Andalo seýilgähine ýanaşyk ýerde ýerleşýär. Içine gireniňde ertekiler dünýäsini ýadyňa salýan bu myhmanhananyň diwarlary multfilm gahrymanlarynyň şekilleri, gurnama agaçlardyr öýjagazlar bilen bezelipdir. Myhmanhanada çagalaryň ýaşyna görä «Gaia-Land», «GaiaBaby» we «Gaia Splash» oýun meýdançalary bar. Bu ýerde çagalar hossarlary bilen bilelikde ýörite otaglarda dynç alyp, özleri üçin niýetlenen aşhanada dürli tagamlary hem taýýarlap bilýärler.

Gaýa bagy hem çagalar üçin iň gyzykly güýmenje meýdançalaryň biri bolup, bu ýerde agaja dyrmaşmak, agajyň aşagynda oturyp oýnawaç oýnamak mümkin. Bulardan başga-da, myhmanhanada sallançaklar, çaga hammamy we düşekdir telewizor bilen enjamlaşdyrylan otaglar bar. Gyzykly we täsirli başdangeçirmeleri bilen ýatdan çykmajak täsirleri galdyrýan «Alpino Baby Family» myhmanhanasynda howuz, surat çekilýän meýdança, mini-sport zallary, restoran hem bar.

Myhmanhana hepdäniň dowamynda otluly we awtobusly gezelençleri hem hödürleýär. Şäher medeniýeti we taryhy ýadygärlikler bilen tanyşdyrýan bu gezelençler çagalaryň gözýetiminiň giňemeginde uly orny eýeleýär. Bu ýerde birek-birek bilen düşünişmek üçin italýan we iňlis dilleri ulanylýar. Bulardan başga-da, myhmanhananyň çäginde gaýykly we tigirli gezelençler hem guralýar. «Alpino Baby Family» myhmanhanasy diňe bir çagalar üçin däl, eýsem, ene-atalar üçin hem maşgala bolup dynç alynýan ýerleriň biridir. Italiýada çagaly maşgalalar üçin bu myhmanhana iň gowy dynç alyş merkezidir.









## Bir sözlemde...

«Monuments» atly welosipedli 1 günlük ýol ýaryşlarynyň möwsümdäki 2-nji tapgyry bolan we 107-nji gezek geçirilen «Tour de Flanders» (Belgiýa) bäsleşiginde «UAE Team Emirates» toparynyň sloweniýaly türgeni Tadež Pogaçar ýeňiş gazanyp (6 sagat 12 minut 7 sekunt), ol niderland Matieu Wan der Poelden («Alpecin–Deceuninck») hem-de daniýaly Mads Pedersenden («Trek–Segafredo») üstün çykdy.

Amerikan uniwersitetleri sportlary federasiýasynyň (NCAA) erkekleriň arasyndaky basketbol ligasynyň finalynda «San Diego Steýt Azteks» toparyndan 76:59 hasap bilen üstün çykan «UKonn Haskies» topary 5-nji gezek çempionlyk gazandy (1999, 2004, 2011, 2014, 2023).

Bendi (top bilen oýnalýan hokkeý) boýunça Şwesiýada geçirilen 42-nji Dünýä çempionatynda erkekleriň arasynda ýer eýeleri şwedler çempion bolup, olar finalda Finlýandiýanyň ýygyndysyndan 3:1 hasabynda üstün çykdy we 13-nji gezek kubogy eýelediler.

Bendi (top bilen oýnalýan hokkeý) boýunça Şwesiýada geçirilen zenanlaryň arasyndaky 12-nji Dünýä çempionatynyň finalynda Şwesiýa bilen Finlýandiýa duşuşyp, ýer eýeleri 15:0 hasabynda ýeňiş gazandy we 11-nji gezek çempion bolmagy başardy.

3x3 basketboly boýunça Singapurda geçirilen Aziýa Kubogy ýaryşynda erkekleriň arasynda Mongoliýanyň, zenanlardan Awstraliýanyň ýygyndysy çempionlyk gazanyp, olar degişlilikde finalda Awstraliýanyň hem-de Täze Zelandiýanyň ýygyndylaryndan üstün çykdy.

«Napoliniň» gruziýaly futbolçysy Hwiça Kwarasheliýa «Serie A»-da mart aýynyň oýunçysy diýlip saýlandy we mundan öň awgustda hem-de fewralda bu hormata laýyk görlen Hwiça çempionatda bir möwsümde 3 gezek aýyň oýunçysy saýlanan ilkinji futbolçy boldy.

# ILKINJI GEZEK MÜNBERIŇ 1-nji BASGANÇAGYNA ÇYKDY

**Moto GP boýunça möwsümiň 2-nji ýaryşy Argentinanyň Termas de Rio Honda şäherinde geçirilip, italiýaly Marko Bezzeççi ýeňiji boldy. «Mooney VR46 Racing» toparynyň sürüjisi 2-nji hatardan başlan ýaryşyny 44 minut 28,518 sekuntda tamamlap, karýerasyndaky ilkinji Moto GP ýeňşini gazandy. Ol mundan öň 2 gezek ýeňiş münberine çykypdy. Ýaryşda 2-nji ýeri «Pramac Racing» toparynyň fransuz sürüjisi Ýohan Zarko eýeledi. Ol ýeňijiden 4,085 sekunt yza galdy. Ýaryşa ilkinji hatardan başlan «Gresini Racing MotoGP» toparynyň ispan sürüjisi Aleks Markes ýeňijiden 4,681 sekunt soň pellehanadan geçip, 3-nji orna mynasyp boldy. Möwsümiň 1-nji ýaryşynyň ýeňijisi Françesko Banaia 3-nji hatardan bat alan bäsleşigini 16-njy bolup tamamlady.**

**Sprint ýaryşynda «Red Bull KTM» toparynyň Günorta afrikaly sürüjisi Bred Binder 1-nji, Marko Bezzeççi 2-nji we onuň topardaşy Luka Marini 3-nji ýeri eýeläp, degişlilikde, 12, 9, 7 utuk gazandylar.**





**Umumylykda möwsümiň 2-nji ýaryşyndan soň Bezzeççi utugyny 50-ä çykaryp, sanawyň 1-nji basgançagyna beýgeldi. 2-nji ýerdäki Banaianyň 41, 3-nji orna çykan Aleks Markesiň 35 utugy bar.**

**Möwsümiň 3-nji ýaryşy ABŞ-nyň Ostin şäherindäki «Americas» trassasynda geçiriler.**

# «Maýami Masters»-iň täze ýeňijileri





Tennis boýunça möwsümiň «Masters» ýaryşlarynyň biri bolan «Maýami Açyk» bäsleşiginde erkekleriň arasynda russiýaly Daniil Medwedew, zenanlardan çehiýaly Petra Kwitowa çempionlyk gazandy. 38-nji gezek geçirilen ýaryşyň baýrak gaznasy erkekdir zenanlar üçin aýratynlykda 8,8 million dollara deň bolup, çempion tennisçilere 1,262 million dollar pul baýragy berildi.

Erkekleriň arasyndaky finalda Daniil Medwedew bilen ýarym finalda Karlos Alkarasy ýeňen italiýaly Ýannik Sinner duşuşdy. Çekeleşikli geçen duşuşykda Medwedew 7:5 we 6:3 hasaplar bilen ýeňşini baýram etdi. Bu onuň şu möwsümdäki 4-nji, umumylykda-da 19-njy ATP çempionlygy bolup, ol 19 aýdan soň 5-nji gezek «Masters» ýaryşynda çempionlyk gazandy.

Zenanlaryň arasyndaky finalda-da çehiýaly Petra Kwitowa bilen gazagystanly Elena Rybakina duşuşdy. Duşuşygyň 1-nji seti çekeleşikli geçip, ýeňiji taýbregiň netijesinde belli boldy we Kwitowa 7:6 öňe saýlandy. 2-nji setde-de 6:2 üstün çykan 33 ýaşyndaky Kwitowa şu möwsümdäki ilkinji kubogyny ýokary göterdi. Bu onuň 9-njy «Masters» kubogy, şol sanda, karýerasyndaky 30-njy WTA çempionlygydyr.

# «Milan» «Napoliden» uly hasap bilen üstün çykdy

**Italiýanyň çempionaty «Serie A»-da soňky çempion «Milan» kem-kemden çempionlyga barýan «Napolini» myhmançylykda derbi-dagyn etdi. Eýýäm 1-nji ýarymda 2–0 öňe saýlanan «Milanyň» gollarynyň 2-sini 17-nji we 59-njy minutda Rafael Leao, beýlekileri-de 25-nji minutda Brahim Diaz hem-de 57-nji minutda Aleksis Salemakers geçirdi. 5 oýundan soň ilkinji gezek ýeňiş gazanan «Milan» 3-nji orna beýgeldi. «Napoliniň» 2-nji ýerdäki «Lasio» bilen utuk aratapawudy 19-dan 16-a düşdi. «Napoli» «Serie A»-da 2007-nji ýyldan soň, şeýle-de öz meýdançasynda 2000-nji ýyldan soň ilkinji gezek uly hasaply ýeňlişe sezewar boldy. «Napoli» soňky gezek 2007-nji ýylda «Bolonýadan» 5–1, öz meýdançasynda-da 2000-nji ýylda «Atalantadan» 5-1 asgyn gelipdi. «Lasio» myhmançylykda «Monzadan» 2–0 üstün çykyp, rimliler 25 ýyldan soň yzly-yzyna 5 duşuşykda gol geçirtmediler. «Ýuwentusyň» «Weronany» 1-0 ýeňen tapgyrynda «Inter» öz meýdançasynda şol hasap bilen «Fiorentinadan» asgyn geldi. «Roma» bolsa «Sampdoriýany» Weýnaldum, Dibala hem-de El-Şaarawiniň gollary esasynda 3–0 utdy.**





# Çempion Awstraliýada-da ýeňiş gazandy

**Formula 1 boýunça möwsümiň 3-nji ýaryşy Awstraliýada geçirildi. Çekeleşikli geçen ýaryşda ýeňiş ugrundaky göreş soňky aýlawa çenli ýokary depginde dowam etdi. Netijede, Melburn şäherindäki Albert Parkyň adyny göterýän trassada geçirilen ýaryşda ilkinji hatardan başlan «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen ýeňiş gazandy. Ol 58 aýlawy 2 sagat 32 minut 38,371 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň şu möwsümdäki 2-nji, karýerasyndaky 37-nji ýeňşi boldy. «Mercedes» toparynyň britan sürüjisi Lýuwis Hamilton ýeňiji Maks Werstappenden sähelçe tapawut bilen, ýagny 0,179 sekunt yza galyp, 2-nji orny eýeledi.**





### YZLY-YZYNA 3-NJI GEZEK 3-NJI ÝERI EÝELEDI

Täze topary «Aston Martin» bilen möwsüme şowly başlan ispaniýaly Fernando Alonso bu ýaryşda-da 3-nji orna mynasyp boldy. Bassyr 3-nji ýaryşda 3-nji ýeri eýelän tejribeli sürüji ýeňijiden 0,769 sekunt soň pellehanadan geçdi. Alonsonyň kanadaly topardaşy Lans Strolluň 4-nji bolan ýaryşynda «Red Bulluň» meksikaly sürüjisi Serhio Peres 5-nji, «McLaren» toparynyň britan piloty Lando Norris 6-njy, «Haas» toparynyň nemes sürüjisi Niko Hulkenberg 7-nji, Norrisiň awstraliýaly topardaşy Oskar Piastri 8-nji orny eýeledi. Aziýaly sürüjiler — hytaýly Çžou Guanýu («Alfa Romeo») 9-njy, ýaponiýaly Ýuki Tsunoda («AlphaTauri») 10-njy orna mynasyp boldy. «Ferrari» toparynyň sürüjileri ýaryşy utuksyz tamamlap, Karlos Saýns Junior 12-nji orny eýeledi. Şarl Leklere ulagynda ýüze çykan näsazlyk sebäpli 3-nji ýaryşda 2-nji gezek ýaryşy tamamlamak başartmady.



Ilkinji 3 bäsleşikden soň Maks Werstappen 69 utuk bilen liderligini dowam etdirýär. 2-nji ýerdäki topardaşy Serhio Peresiň 54, şeýle-de, 3-nji basgançakdaky Fernando Alonsonyň 45 utugy bar. Möwsümiň 4-nji ýaryşy 30-njy aprelde Azerbaýjanyň paýtagty Baku şäheriniň köçelerinde geçiriler.

# «Premier Liga» hem-de «Çelsä» tälimçi çydanok

Angliýanyň çempionaty «Premier Ligada» «Çelsi» toparyna tälimçi çydanok. Toparyň öz meýdançasynda «Aston Willadan» 2-0 utulmagyndan soň tälimçi Grem Potter wezipesinden boşadyldy. 47 ýaşyndaky tälimçi, 7 aý öň, ýagny sentýabr aýynda Tomas Tuheliň ornuna wezipä bellenipdi. Çempionlar Ligasynda «Çelsini» çärýek finala çykaran Potter çempionatda juda şowsuz netije görkezdi. Umumylykda 31 oýnuň 12-sinde ýeňiş gazanan «Çelsi», Potteriň tälimçiliginde 12 oýunda-da ýeňlişe sezewar boldy. Topara häzirlikçe Bruno Saltor tälim berer.



«Çelsi» topary soňky 23 ýylda, ýagny 2000-nji ýyldan bäri tälimçilerini 17 gezek işinden boşatdy. Şolaryň käbirleri – Žoze Mourinio bilen Gus Hiddink 2 gezek «Çelsiniň» tälimçisi bolupdy.

Klubuň indiki tälimçisiniň kim boljakdygy häzirlikçe belli bolman, Ýulian Nagelsmann, Zinedin Zidan, Ze Derbi, Luiz Enrike, Maurisio Poçettino dagynyň atlary bu jogapkärli wezipe üçin agzalýar.

«Premier Ligada» 29-njy tapgyrdan soň diňe Potter wezipesinden boşadylman, «Lester Sitiniň» demirgazyk irlandiýaly tälimçisi Brendan Rojers hem işini taşlady. Şunlukda, «Premier Ligada» häzirlikçe wezipesini taşlan tälimçileriň sany 13-e ýetdi. Şolaryň 10-sy wezipesinden boşadylyp, galan 3-si taraplaryň ylalaşygy netijesinde wezipesini taşlady. «Southempton» hem-de «Çelsi» klublary şu möwsümde şowsuz netijelerden soň 2 gezek tälimçisini ugratmaly boldy. «Premier Ligada» mundan öňki möwsüm dowam edýän mahaly iň köp 10 tälimçi işinden boşadylypdy. Şunlukda, şu möwsümde tälimçi ugratmakda antirekord hasaba alyndy.

«Çelsiden» öň Londonyň başga bir kluby «Tottenham» hem tälimçisi Antonio Konteni wezipesinden boşadypdy. Şol sanda Londonyň ýene bir kluby «Kristal Palas» topary-da Patrik Wieirany klubdan ugradypdy. «Kristal Palas» topary möwsümiň ahyryna çenli halypa tälimçi Roý Hojsony wezipä belledi. «Çelsi» bilen «Tottenham» klublary bolsa häzirlikçe ozalky tälimçileriň kömekçilerine tabşyryldy. Başgaça aýdylanda, Londonyň 2 esasy klubunyň häzirlikçe tälimçisi ýok.

«Premier Ligada» wezipesinden boşadylan tälimçileriň sanynyň ýene-de artmagy mümkin. 13 tälimçiniň hataryna Dewid Moýes, Ýurgen Klopp ýaly ussat tälimçiler hem goşulyp biler.

| APL-de şu möwsümde wezipesinden boşadylan tälimçiler: |
|---|
| **Skott Parker («Bornmut»):** 30-njy awgust |
| **Tomas Tuhel («Çelsi»):** 7-nji sentýabr |
| **Grem Potter («Braýton»):** 7-nji sentýabr |
| **Bruno Lage («Wulwerhempton»):** 2-nji oktýabr |
| **Stiwen Jerrard («Aston Willa»):** 20-nji oktýabr |
| **Ralf Hasenhüttl («Southempton»):** 7-nji noýabr |
| **Frank Lampard («Ewerton»):** 23-nji ýanwar |
| **Jesse Marş («Lids Ýunaýted»):** 6-njy fewral |
| **Natan Jons («Southempton»):** 12-nji fewral |
| **Patrik Wieira («Kristal Palas»):** 17-nji mart |
| **Antonio Konte («Tottenham»):** 26-njy mart |
| **Brendan Rojers («Lester Siti»):** 2-nji aprel |
| **Grem Potter («Çelsi»):** 2-nji aprel |

## ÝEWROPADA NOBATDAKY TAPGYRYŇ IŇ ESASY DUŞUŞYKLARY:

**7-nji aprel (anna):**
Salernitana — Inter (20:00)
Leççe — Napoli (22:00)
**Benfika — Porto (22:00)**
Milan — Empoli (00:00)

**8-nji aprel (şenbe):**
**Man. Ýunaýted — Ewerton (16:30)**
**Fraýburg — Bawariýa (18:30)**
**Borussiýa D — Union Berlin (18:30)**
**Baýer – Aýntraht (18:30)**
**Tottenham — Braýton (19:00)**
Spartak M — Dinamo (21:30)
Southempton — Man. Siti (21:30)
**Lasio — Ýuwentus (23:45)**
**Real Madrid — Wilýarreal (00:00)**
Nissa — PSŽ (00:00)

**9-njy aprel (ýekşenbe):**
**Liwerpul — Arsenal (20:30)**
Lokomotiw — Zenit (22:00)
Raýo Wallekano — Atletiko (00:00)

**10-njy aprel (duşenbe):**
Barselona — Žirona (00:00)

### PREMIER LEAGUE (29) — 31 gol

**Man. Siti—Liwerpul: 4–1** (Alwares 27, De Bruýne 46, Gündogan 53, Griliş 74 — Salah 17), **Nottingam—Wulwerhempton: 1–1** (Jonson 38 – Podense 83), **K. Palas—Lester: 2–1** (Iwersen 59 ö.d., Mateta 90+5 – R. Pereýra 56), **Braýton—Brentford: 3–3** (Mitoma 21, Welbek 28, Makallister 88 p — Ýansson 10, Touni 22, Pinnok 49), **Bornmut—Fulham: 2–1** (Tawernie 50, Solanke 79 — Pereýra 16), **Arsenal—Lids: 4–1** (Žesus 35 p, 55, Waýt 47, Džaka 85 — Kristensen 76), **Çelsi—Aston Willa: 0–2** (Watkins 18, Makginn 56), **West Ham—Southempton: 1–0** (Agerd 25), **Nýukasl—M. Ýunaýted: 2–0** (Willok 65, Wilson 88), **Ewerton—Tottenham: 1–1** (Kin 90 — Keýn 68 p)

### LA LIGA (27) — 28 gol

**Malýorka—Osasuna: 0–0, Žirona—Espanýol: 2–1** (Martines 53, Stuani 77 p — Breýtweýt 74), **Atletik—Hetafe: 0–0, Kadis—Sewilýa: 0–2** (Okampos 51, En-Nesiri 74), **Elçe—Barselona: 0–4** (Lewandowski 20, 66, Fati 56, Torres 70), **Selta—Almeriýa: 2–2** (Seferowiç 10, Karles Peres 42 — Babiç 7, Puigmal 32), **Real Madrid— Walýadolid: 6–0** (Rodrigo 22, Benzema 29, 32, 36, Asensio 73, Lukas Waskes 90+1), **Wilýarreal—R. Sosiedad: 2–0** (Pareho 77 p, Jekson 81), **Atletiko—Betis: 1–0** (Korrea 86), **Walensiýa—Raýo Wallekano: 1–1** (Kluiwert 81 p — Komesaniýa 9)

### SERIE A (28) — 23 gol

**Kremoneze—Atalanta: 1–3** (Çiofani 55 p — De Roon 44, Boga 73, Lukmen 90+3), **Inter—Fiorentina: 0–1** (Bonawentura 53), **Ýuwentus—Werona: 1–0** (Ken 56), **Bolonýa—Udineze: 3–0** (Poş 3, Moro 12, Berrow 49), **Spesiýa—Salernitina: 1–1** (Şomurodow 70 — Kaldara 43 ö.d.), **Monza—Lasio: 0–2** (Pedro 13, Milinkowiç-Sawiç 56), **Roma—Sampdoriýa: 3–0** (Weýnaldum 57, Dibala 88 p, El-Şaarawi 90+4), **Napoli—Milan: 0–4** (Leao 17, 59, Diaz 25, Salemakers 67), **Empoli—Leççe: 1–0** (Kaputo 62 p), **Sassuolo—Torino: 1–1** (Pinamonti 36 – Sanabriýa 66)

### LIGUE 1 (29) — 28 gol

**Marsel—Monpelie: 1–1** (Genduzi 44 p — Nordin 12), **Oser—Trua: 1–0** (Niang 72), **Renn—Lans: 0–1** (Openda 31), **Lill—Loriýan: 3–1** (Kabella 13, Žegrowa 89, 90+1 — Kone 77), **Anže—Nissa: 1–1** (Nian 15 — Moffi 4), **Brest—Tuluza: 3–1** (Munie 33, Le Duaron 63, Kamara 84 — Dallinga 10), **Klermon—Aýaçço: 2–1** (Kiýeý 60 p, 90+2 p — El-Idrissi 25), **Nant—Reýms: 0–3** (Flips 38, 39, Munetsi 58), **Monako—Strasbur: 4–3** (Wanderson 19, Ben Segir 54, Diop 58, Fofana 66 — Motiba 32, Maripan 41 ö.d., Diallo 90+3), **PSŽ—Lion: 0–1** (Barkalo 56)

### BUNDESLIGA (26) — 26 gol

**Aýntraht—Bohum: 1–1** (Kolo Muani 22 p — Asano 14), **Wolfsburg—Augsburg: 2–2** (Walşmidt 85, Feliks Nmeça 90+6 — Arnold 2 ö.d., Berişa 32), **Union Berlin—Ştutgart: 3–0** (Bekker 51, Berens 65, Haraguti 68 ö.d.), **Şalke—Baýer: 0–3** (Frimpong 50, Wirtz 61, Azmun 90+2), **Leipsig—Maýns: 0–3** (Ingwartsen 9, Ažork 57, Kor 67), **Fraýburg—Herta: 1–1** (Grifo 52 – Ngankam 77), **Bawariýa—Borussiýa D: 4–2** (Kobel 13 ö.d., Müller 18, 23, Koman 51 — Jan 72 p, Malen 90), **Köln—Borussiýa M: 0–0, Werder—Hoffenhaým: 1–2** (Piper 76 – Kramariç 50, Baumgartner 52)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 29 | 23 | 3 | 3 | 70-27 | 72 |
| 2 | MAN. SITI | 28 | 20 | 4 | 4 | 71-26 | 64 |
| 3 | NÝUKASL | 28 | 14 | 11 | 3 | 46-20 | 53 |
| 4 | M. ÝUNAÝTED | 28 | 16 | 5 | 7 | 42-37 | 53 |
| 5 | TOTTENHAM | 29 | 15 | 5 | 9 | 53-41 | 50 |
| 6 | BRAÝTON | 27 | 13 | 7 | 7 | 51-34 | 46 |
| 7 | ASTON WILLA | 29 | 13 | 5 | 11 | 39-40 | 44 |
| 8 | LIWERPUL | 28 | 12 | 7 | 9 | 48-33 | 43 |
| 9 | BRENTFORD | 29 | 10 | 13 | 6 | 46-38 | 43 |
| 10 | FULHAM | 28 | 11 | 6 | 11 | 39-39 | 39 |
| 11 | ÇELSI | 29 | 10 | 9 | 10 | 29-30 | 39 |
| 12 | K. PALAS | 29 | 7 | 9 | 13 | 24-39 | 30 |
| 13 | LIDS | 29 | 7 | 8 | 14 | 38-49 | 29 |
| 14 | W. HEMPTON | 29 | 7 | 7 | 15 | 23-42 | 28 |
| 15 | WEST HAM | 28 | 7 | 6 | 15 | 26-39 | 27 |
| 16 | EWERTON | 29 | 6 | 9 | 14 | 23-41 | 27 |
| 17 | NOTTINGAM | 29 | 6 | 9 | 14 | 24-52 | 27 |
| 18 | BORNMUT | 29 | 7 | 6 | 16 | 27-57 | 27 |
| 19 | LESTER | 29 | 7 | 4 | 18 | 40-51 | 25 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 29 | 6 | 5 | 18 | 23-47 | 23 |

| Iň köp pökgi geçirenler: | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 28 |
| 2 | Harri KEÝN (Tottenham) | 22 |
| 3 | Aýwen TOUNI (Brentford) | 17 |
| 4 | Markus REŞFORD (Man. Ýunaýted) | 15 |
| 5 | Gabriel MARTINELLI (Arsenal) | 13 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 27 | 23 | 2 | 2 | 53-9 | 71 |
| 2 | REAL MADRID | 27 | 18 | 5 | 4 | 57-21 | 59 |
| 3 | ATLETIKO | 27 | 16 | 6 | 5 | 43-19 | 54 |
| 4 | R. SOSIEDAD | 27 | 14 | 6 | 7 | 35-26 | 48 |
| 5 | BETIS | 27 | 13 | 6 | 8 | 34-27 | 45 |
| 6 | WILÝARREAL | 27 | 13 | 5 | 9 | 34-24 | 44 |
| 7 | ATLETIK B | 27 | 10 | 7 | 10 | 36-28 | 37 |
| 8 | R. WALLEKANO | 27 | 9 | 10 | 8 | 32-31 | 37 |
| 9 | OSASUNA | 27 | 9 | 8 | 10 | 22-27 | 35 |
| 10 | SELTA | 27 | 9 | 8 | 10 | 34-37 | 35 |
| 11 | ŽIRONA | 27 | 9 | 7 | 11 | 42-42 | 34 |
| 12 | MALÝORKA | 27 | 9 | 6 | 12 | 22-27 | 33 |
| 13 | SEWILÝA | 27 | 8 | 7 | 12 | 31-42 | 31 |
| 14 | HETAFE | 27 | 7 | 9 | 11 | 27-34 | 30 |
| 15 | KADIZ | 27 | 6 | 10 | 11 | 21-40 | 28 |
| 16 | WALÝADOLID | 27 | 8 | 4 | 15 | 20-44 | 28 |
| 17 | WALENSIÝA | 27 | 7 | 6 | 14 | 29-32 | 27 |
| 18 | ESPANÝOL | 27 | 6 | 9 | 12 | 33-44 | 27 |
| 19 | ALMERIÝA | 27 | 7 | 6 | 14 | 32-47 | 27 |
| 20 | ELÇE | 27 | 2 | 7 | 18 | 19-55 | 13 |

| Iň köp pökgi geçirenler: | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 17 |
| 2 | Karim BENZEMA (Real Madrid) | 14 |
| 3 | Enes ÜNAL (Hetafe) | 13 |
| 4 | Borha IGLESIAS (Betis) | 12 |
| 5 | Ýago ASPAS (Selta) | 12 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 28 | 23 | 2 | 3 | 64-20 | 71 |
| 2 | LASIO | 28 | 16 | 7 | 5 | 44-19 | 55 |
| 3 | MILAN | 28 | 15 | 6 | 7 | 48-36 | 51 |
| 4 | ROMA | 28 | 15 | 5 | 8 | 38-26 | 50 |
| 5 | INTER | 28 | 16 | 2 | 10 | 47-32 | 50 |
| 6 | ATALANTA | 28 | 14 | 6 | 8 | 47-32 | 48 |
| 7 | ÝUWENTUS | 28 | 18 | 5 | 5 | 46-22 | 44 |
| 8 | BOLONÝA | 28 | 11 | 7 | 10 | 36-36 | 40 |
| 9 | FIORENTINA | 28 | 11 | 7 | 10 | 33-31 | 40 |
| 10 | TORINO | 28 | 10 | 8 | 10 | 30-34 | 38 |
| 11 | UDINEZE | 28 | 9 | 11 | 8 | 37-34 | 38 |
| 12 | SASSUOLO | 28 | 10 | 7 | 11 | 36-41 | 37 |
| 13 | MONZA | 28 | 9 | 7 | 12 | 32-39 | 34 |
| 14 | EMPOLI | 28 | 7 | 10 | 11 | 25-36 | 31 |
| 15 | SALERNITANA | 28 | 6 | 10 | 12 | 32-48 | 28 |
| 16 | LEÇÇE | 28 | 6 | 9 | 13 | 24-33 | 27 |
| 17 | SPESIÝA | 28 | 5 | 10 | 13 | 24-44 | 25 |
| 18 | WERONA | 28 | 4 | 7 | 17 | 22-42 | 19 |
| 19 | SAMPDORIÝA | 28 | 3 | 6 | 19 | 16-47 | 15 |
| 20 | KREMONEZE | 28 | 1 | 10 | 17 | 23-52 | 13 |

| Iň köp pökgi geçirenler: | | |
|---|---|---|
| 1 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 21 |
| 2 | Lautara MARTINES (Inter) | 14 |
| 3 | Ademola LUKMEN (Atalanta) | 13 |
| 4 | M'Bala NZOLA (Spesiýa) | 12 |
| 5 | Hwiça KWARASHELIÝA (Napoli) | 12 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE I/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 29 | 21 | 3 | 5 | 68-29 | 66 |
| 2 | LANS | 29 | 17 | 9 | 3 | 48-21 | 60 |
| 3 | MARSEL | 29 | 18 | 6 | 5 | 54-29 | 60 |
| 4 | MONAKO | 29 | 17 | 6 | 6 | 61-40 | 57 |
| 5 | LILL | 29 | 15 | 7 | 7 | 54-37 | 52 |
| 6 | RENN | 29 | 15 | 5 | 9 | 47-30 | 50 |
| 7 | REÝMS | 29 | 11 | 13 | 5 | 39-28 | 46 |
| 8 | NISSA | 29 | 11 | 12 | 6 | 38-26 | 45 |
| 9 | LION | 29 | 12 | 8 | 9 | 44-32 | 44 |
| 10 | LORIÝAN | 29 | 12 | 8 | 9 | 42-40 | 44 |
| 11 | MONPELIE | 29 | 11 | 4 | 14 | 45-48 | 37 |
| 12 | KLERMON | 29 | 10 | 7 | 12 | 29-41 | 37 |
| 13 | TULUZA | 29 | 10 | 5 | 14 | 44-51 | 35 |
| 14 | NANT | 29 | 6 | 12 | 11 | 30-40 | 30 |
| 15 | BREST | 29 | 6 | 9 | 14 | 33-47 | 27 |
| 16 | STRASBUR | 29 | 5 | 11 | 13 | 37-50 | 26 |
| 17 | OSER | 29 | 6 | 8 | 15 | 24-51 | 26 |
| 18 | TRUA | 29 | 4 | 9 | 16 | 38-62 | 21 |
| 19 | AÝAÇÇO | 29 | 6 | 3 | 20 | 21-52 | 21 |
| 20 | ANŽE | 29 | 2 | 5 | 22 | 22-64 | 11 |

| Iň köp pökgi geçirenler: | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 19 |
| 2 | Jonatan DEWID (Lill) | 19 |
| 3 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 17 |
| 4 | Folarin BALOGUN (Reýms) | 17 |
| 5 | Aleksandr LAKAZETT (Lion) | 17 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 26 | 16 | 7 | 3 | 76-29 | 55 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 26 | 17 | 2 | 7 | 57-35 | 53 |
| 3 | UNION BERLIN | 26 | 15 | 6 | 5 | 41-28 | 51 |
| 4 | FRAÝBURG | 26 | 13 | 8 | 5 | 39-35 | 47 |
| 5 | LEIPSIG | 26 | 13 | 6 | 7 | 49-33 | 45 |
| 6 | AÝNTRAHT | 26 | 11 | 8 | 7 | 47-37 | 41 |
| 7 | BAÝER | 26 | 12 | 4 | 10 | 48-40 | 40 |
| 8 | MAÝNS | 26 | 11 | 7 | 8 | 43-36 | 40 |
| 9 | WOLFSBURG | 26 | 10 | 9 | 7 | 46-34 | 39 |
| 10 | BORUSSIÝA M | 26 | 8 | 8 | 10 | 40-44 | 32 |
| 11 | WERDER | 26 | 9 | 4 | 13 | 40-50 | 31 |
| 12 | AUGSBURG | 26 | 8 | 5 | 13 | 34-47 | 29 |
| 13 | KÖLN | 26 | 6 | 10 | 10 | 33-44 | 28 |
| 14 | BOHUM | 26 | 8 | 2 | 16 | 28-57 | 26 |
| 15 | HOFFENHAÝM | 26 | 7 | 4 | 15 | 35-46 | 25 |
| 16 | HERTA | 26 | 5 | 7 | 14 | 31-49 | 22 |
| 17 | ŞALKE | 26 | 4 | 9 | 13 | 21-48 | 21 |
| 18 | ŞTUTGART | 26 | 4 | 8 | 14 | 29-45 | 20 |

| Iň köp pökgi geçirenler: | | |
|---|---|---|
| 1 | Niklas FÜLLKRUG (Werder) | 15 |
| 2 | Winçenzo GRIFO (Fraýburg) | 13 |
| 3 | Kristofer NKUNKU (Leipsig) | 12 |
| 4 | Markus TURAM (Borussiýa M) | 12 |
| 5 | Jamal MUSIALA (Borussiýa D) | 11 |

# «Bawariýa» täzeden 1-nji orna geçdi

**Germaniýanyň çempionatynda** çempionlygy kesgitläp biljek «Der Klassiker» duşuşygynda «Bawariýa» sanawyň lideri «Borussiýa Dortmunddan» 4–2 üstün çykyp, 1-nji orna geçdi. «Bawariýanyň» gollaryny Kobel (ö.d.), Müller (2) hem-de Koman geçirdi. «Ştutgartdan» 3–0 hasabynda üstün çykan «Union Berlin» utugyny 51-e çykaryp, täzeden çempionlyk ýaryşyna goşuldy. Edil şol hasap bilen «Leipsig» öz meýdançasynda «Maýnsdan» asgyn geldi. Frimpong, Fritz hem-de Azmunyň gol geçiren duşuşygynda «Baýer» myhmançylykda «Şalkeni» 3–0 utdy.





**Ispaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Barselona» myhmançylykda «Elçeni» 4–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda Lewandowski 2 gezek tapawutlanyp, 6 oýundan soň gol geçirdi. Bu duşuşyk «Barselonanyň» şu möwsümde çempionatda gol geçirtmedik 20-nji duşuşygy bolup, katalonlar bu ugurda öz rekordyny ösdürdi. Soňky çempion «Real Madrid» öz meýdançasynda «Walýadolidi» 6–0 hasabynda utup, garşydaşyny derbi-dagyn etdi. Eýýäm 1-nji ýarymda 4–0 öňe saýlanan «Real Madridiň» gollarynyň 3-sini Karim Benzema derweзä girizdi. Benzema 29-njy, 32-nji we 36-njy minutlarda tapawutlanyp, 7 minutda het-trik etdi. Benzema 11-nji möwsüminde «Realda» 20 we 20-den köp gol geçirip, bu görkezijä ýeten ilkinji futbolçy boldy. Ondan öň Di Stefano bilen Raul 10 möwsüm 20 we 20-den köp gol geçiripdi. Duşuşykdaky beýleki gollary Rodrigo, Asensio hem-de Lukas Waskes geçirdi. Öňdäki orunlara dyrjaşýan toparlaryň öz arasyndaky duşuşyklarda-da «Atletiko Madrid» «Betisi» 1–0, «Wilýarreal» «Real Sosiedady» 2–0 hasabynda utdy.

**Angliýanyň çempionatynda** tapgyryň iň esasy oýnunda «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Liwerpuldan» 4–1 üstün çykdy. 17-nji minutda Salahyň goly bilen öňe saýlanan «Liwerpula» ýer eýeleri Alwares, De Bruýne, Gündogan hem-de Grilişiň gollary bilen jogap berdi. Sanawyň lideri «Arsenal» hem şol hasap bilen «Lidsi» ýeňmegi başardy. «Arsenala» ýeňiş getiren gollary Žesus (2), Waýt hem-de Džaka derweзä girizdi. 3-nji ýer üçin göreşýän «Nýukasl» bilen «Mançester Ýunaýtediň» arasyndaky duşuşykda ýer eýeleri 2–0 hasabynda ýeňşini baýram etdi. «Çelsi» öz meýdançasynda «Aston Willadan» 2–0 asgyn geldi. 7-nji tapgyryň galdyrylan duşuşygynda-da «Çelsi» bilen «Liwerpul» golsuz deňme-deň oýnady.

**Fransiýanyň çempionatynda** sanawyň lideri PSŽ öz meýdançasynda bu tapgyrda-da ýeňlişe sezewar boldy. Geçen tapgyrda «Rennden» asgyn gelen PSŽ «Park de Prens» stadionynda «Liondan» 1–0 hasabynda utuldy. «Liona» ýeňiş getiren ýeke-täk goly 56-njy minutda Barkalo geçirdi. Duşuşykda «lionly» Lakazett penaltini dürs urup bilmedi. PSŽ topary 2023-nji ýylda oýnan ähli ýaryşlardaky 18-nji duşuşygynda 8-nji gezek ýeňlişe sezewar boldy. «Monpelie» bilen 1–1 deňme-deň oýnan «Marsel» 3-nji orna düşdi. «Renn» toparyny Opendanyň goly bilen ýeňen «Lans» 2-nji orna beýgeldi.

# ÝEWROPADA KUBOK ÝARYŞLARY

### «Real Madrid» we Benzema 60 ýyllyk statistikalary täzeledi

Ispaniýanyň Şa Kubogy (Copa del Rey) ýaryşynda finala çykan toparlar belli boldy. Ýarym finalyň jogap duşuşyklary geçirilip, «Osasuna» bilen «Real Madrid» finala



atlaryny ýazdyrmagy başardylar. «Osasuna» myhmançylykda «Atletik» topary bilen 1–1 deňme-deň oýnady. Bilbaodaky oýunda ýer eýeleri Iniaki Williamsyň 33-nji minutdaky goly bilen 1–0 öňe saýlandy. Goşmaça berlen 30 minut tamamlanyp barýarka, has takygy, 116-njy minutda Pablo Ibanýes duşuşykda hasaby deňledi. Bu deňlik 1-nji oýunda 1–0 hasabynda ýeňiş gazanan «Osasunanyň» finala çykmagy üçin ýeterlik boldy. «Osasuna» topary 2004/05 möwsüminden soň 2-nji gezek finala çykdy. Olar şol finalda «Betisden» asgyn gelipdi.



«Osasunanyň» finaldaky garşydaşy ýurduň iň uly 2 klubunyň biri bolmalydy. 1-nji duşuşykda myhmançylykda 1–0 hasabynda ýeňiş gazanan «Barselona» öz meýdançasynda «Real Madridden» uly hasap bilen asgyn geldi. Çekeleşikli we juda dartgynly geçen oýnuň 1-nji ýarymynyň iň soňky minutlarynda, has takygy, 45-nji minutda garşylyklaýyn hüjümde «Real Madrid» Winisius Junioryň goly bilen öňe saýlandy. Madridliler 2-nji ýaryma-da gol bilen başladylar. 50-nji minutda Karim Benzema hasaby 2–0-a çykardy. Ol 58-nji minutda bellenen penaltini hem dürs urup, duşuşykdaky 2-nji goluny geçirdi. Duşuşygyň 81-nji minutynda het-trigi tamamlan Karim Benzema oýna soňky nokady goýdy. Şunlukda, «Real Madrid» 4–0 hasabynda ýeňiş gazanyp, 9 ýyldan soň Şa Kubogynda finala çykdy. «Real Madrid» «Barselonany» 1995-nji ýyldan soň ilkinji gezek, 1963-nji ýyldan soňam myhmançylykda ilkinji sapar 4 gol aratapawudy bilen ýeňmegi başardy.



### 3 günde 2-nji het-trik

3 günde 2-nji het-trigini eden Benzema bolsa taryhy statistikalary täzelemegi başardy. Ol «El Klasikoda» 28 ýyldan soň het-trik eden ilkinji «really» futbolçy boldy. Soňky gezek 1995-nji ýylyň 7-nji ýanwarynda 5–0 hasabynda ýeňiş gazanan «Realyň» düzüminden Iwan Samorano «El Klasikoda» het-trik edipdi. Şeýle-de, Benzema «El Klasikoda» «Kamp Nouda» 60 ýyldan soň het-trik eden ilkinji, umumylykda-da 2-nji «really» futbolçy hökmünde hasaba alyndy. Benzemadan öň diňe Ferens Puşkaş 1963-nji ýylyň 27-nji ýanwarynda «Kamp Nouda» «Realyň» 5–1 hasabynda ýeňen duşuşygynda het-trik edipdi.

Şa Kubogyny 19 gezek eýeläp, bu ugurda «Barselonadyr» (31) «Atletikden» (23) soň 3-nji orunda barýan «Real Madrid» 40-njy gezek finala çykdy. 20 gezek finala çykan «Real Madrid» bilen «Osasunanyň» arasyndaky final duşuşygy 6-njy maýda Sewilýadaky «La Cartuja» stadionynda oýnalar.

### «Fiorentina» finala golaý

Italiýanyň Kubogy (Coppa Italia) ýaryşynda ýarym finalyň 1-nji duşuşyklary geçirilip, «Italia» derbisinde «Ýuwentus» bilen «Inter» 1–1 deňme-deň oýnady. Çekeleşikli we soňky pursatlary juda dartgynly



geçen oýunda «Ýuwentus» 83-nji minutda Kuadradonyň goly bilen öňe saýlandy. Ýöne emin Dawide Massa 90+5-nji minutda «Interiň» peýdasyna penalti urgusyny belledi. Ony dürs uran Lukaku hasaby deňledi. Duşuşygyň ahyrynda «Interden» Lukaku bilen Handanowiç, «Ýuwentusdanam» Kuadrado gyzyl kart aldy. Jogap duşuşygy 26-njy aprelde Milanda geçiriler.

Ýarym finalyň beýleki oýnunda «Kremonese» öz meýdançasynda «Fiorentinany» kabul etdi. Myhmançylykdaky toparyň üstünliginde geçen duşuşykda «Fiorentina» 2–0 hasabynda ýeňiş gazanyp, finalyň bosagasyndan ilkinji ädimi ätdi. Duşuşykda «Fiorentinanyň» gollaryny 25-nji minutda Kabral, 75-nji minutda-da penaltiden Gonzales geçirdi. Jogap duşuşygy 27-nji aprelde Florensiýa şäherinde oýnalar. Italiýa Kubogynyň finaly 24-nji maýda Rimdäki Olimpiýa stadionynda geçiriler.

### «Bawariýadyr» «Borussiýa Dortmund» ýaryşdan çykdy

Germaniýanyň Kubogy (DFB-Pokal) ýaryşynda ýarym finala çykan klublar belli bolup, «Bawariýadyr» «Borussiýa Dortmund» ýaryşyň daşynda galdy. Öz meýdançasynda «Fraýburgy» kabul eden «Bawariýa» soňky minutlarda ýeňlişe sezewar boldy. 19-njy minutda Apamekanonyň goly bilen öňe geçen «Bawariýa» 27-nji minutda Höfleriň goluna çäre tapyp bilmedi. 90+5-



nji minutda-da eminiň bellän penaltisini dürs uran Höler «Fraýburga» ýeňiş getirdi. «Bawariýa» toparyna bassyr 3 möwsümden bäri kubok ýaryşynda finala çykmak başardanok. Münhenliler soňky 25 ýylda ilkinji gezek yzly-yzyna 3 möwsüm finalda çykyş etmezler. Kubogyň häzirki eýesi «Leipsig» öz meýdançasynda «Borussiýa Dortmunddan» Werner (22) we Orbanyň (90+8) gollary bilen 2–0 üstün çykdy. «Aýntraht» topary-da şol hasap bilen «Union Berlini» ýeňip, ýaryşdan çykardy. Frankfurtlylara ýeňiş getiren gollaryň 2-sini hem 11-nji we 12-nji minutlarda Kolo Muani öz adyna ýazdyrdy. Myhmançylykda «Nürnbergi» Millotyň 83-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňen «Ştutgart» soňky ýarym finalçy boldy. 2–3-nji maýda oýnaljak ýarym finalyň bijeleri 9-njy aprelde çekiler.

* * *

Fransiýanyň Kubogy (Coup de France) ýaryşynda-da ilkinji finalçy «Nant» bolup, olar ýarym finalda «Liondan» 1–0 hasabynda üstün çykdy. Kubogyň häzirki eýesine ýeňiş getiren ýeke-täk goly 57-nji minutda



Blas geçirdi. «Nantyň» finaldaky garşydaşy 2-nji liganyň wekili «Annesi» ýa-da «Tuluza» topary bolar. Fransiýanyň Kubogy ýaryşynda final duşuşygy 29-njy aprelde «Stade de France» stadionynda geçiriler.

* * *

Türkiýäniň Kubogy ýaryşynda-da ýarym finalçylar belli boldy. «Trabzonspory» 3–1 ýeňen «Ankaragüjü» hem-de myhmançylykda «Galatasaraýdan» 3–2 üstün çykan «Istanbul Başakşehir» toparlary ýarym finala çykdy. «Gaziantepspor» toparynyň ähli



ýaryşlardan çekilmeginden soň kubogyň häzirki eýesi «Siwasspor» hem ýaryşy dowam etdirer. 4-nji ýarym finalçy «Fenerbahçe»–«Kaýserispor» duşuşygyndan soň belli bolar. Ýarym finalda «Istanbul Başakşehir» bilen «Ankaragüjü», «Siwasspor» bilenem «Fenerbahçe» ýa-da «Kaýserispor» duşuşar.

## Iň köp hak tölenýän tälimçiler



Fransiýanyň meşhur sport neşiri «L'Equipe» gazeti häzirki wagtda dünýäde iň köp hak tölenýän klub tälimçileriniň sanawyny mälim etdi. Sanawyň başyny 12 ýyldan bäri «Atletiko Madride» tälim berip gelýän argentinaly Diego Simeone çekýär. Ol madridlilerden ýylda 34 million ýewro hak alýar. Bu ugurda 2-nji ýeri «Mançester Sitiniň» ispaniýaly tälimçisi Pep Guardiola eýeleýär. Meşhur tälimçiniň ýyllyk alýan haky 22,4 million ýewro deňdir. Sanawyň 3-nji basgançagynda «Liwerpulyň» germaniýaly tälimçisi Ýurgen Klopp bar. Oňa ýylda 17,8 million ýewro hak tölenýär.

**Iň köp hak tölenýän tälimçiler:**
Diego Simeone («Atletiko») – 34 mln. ýewro;
Pep Guardiola («Mançester Siti») – 22,4 mln. ýewro;
Ýurgen Klopp («Liwerpul») – 17,8 mln. ýewro;
Grem Potter («Çelsi») – 13,5 mln. ýewro;
Massimiliano Allegri («Ýuwentus») – 12,8 mln. ýewro;
Tomas Tuhel («Bawariýa») – 12 mln. ýewro;
Karlo Ançelotti («Real Madrid») – 11 mln. ýewro;
Simone Inzagi («Inter») – 10 mln. ýewro;
Žoze Mourinio («Roma») – 9,2 mln. ýewro;
Habi Alonso («Baýer») – 5 mln. ýewro;
Niko Kowaç («Wolfsburg») – 4 mln. ýewro;
Hawi («Barselona») – 3,8 mln. ýewro.

## Çempionlyk medaly

### 40 ýyldan soň gowşurylýar

«Mançester Ýunaýtediň» rowaýaty tälimçisi Ser Aleks Fergusona gazanan çempionlyk medaly 40 ýyldan soň gowşurylar. Bu barada iňlisleriň meşhur gazeti «Daily Mail» habar berýär. Ferguson 1983-nji ýylda Şotlandiýanyň «Aberdin» topary bilen şol wagtky ýaryş bolan Kubokçylaryň Kubogy bäsleşigini gazanypdy. «Aberdin» topary şol ýyl finalda «Real Madridi» 2–1 hasabynda ýeňip, UEFA-nyň şol döwürlerdäki 2-nji derejeli kubogyny eýeläpdi. UEFA-nyň şol döwürdäki düzgünlerine laýyklykda, ýeňiş gazanan topara medallar esasy düzümde oýnan 11 futbolça hem-de ätiýaçdaky 5 oýunça berilýärdi. Şol berilmedik medal 12-nji maýda dabara bilen Aleks Fergusona hem-de şol wagtky kömekçisi Arçi Noksa gowşurylar. Tälimçilige 1974-nji ýylda «Ist Stirlingşaýr» toparynda başlan Ferguson soňlugy bilen, 1986-njy ýylda «Mançester Ýunaýtediň» tälimçisi bolýança «St. Mirren» hem-de «Aberdin» klublaryna-da tälim beripdi. 39 ýyllyk tälimçilik karýerasyna 4 kubok sygdyran Ferguson «Mançester Ýunaýtede» 27 ýyl tälimçilik etdi.



S/B: 209131000214

AKÝAÝLA

«Ak ýaýla» söwda merkezimizden hojalyk tehnikalarynyň, lýustralaryň we mebelleriň dürli görnüşlerini satyn alyp bilersiňiz.
Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda paýtagtymyzyň gözelligine gözellik goşjak seýilgäh çyralaryny we oturgyçlary, güldanlary, baglary ýetişdirip edara-kärhanalara hödürleýäris.
Mundan başga-da, ak şäherimiz Aşgabadyň binalaryny bezejek plastik, alýumin aýna-gapylary, dürli görnüşli mebelleri halkymyzyň isleglerine görä ýasap ilatymyza ýetirýäris.



75-75-75 / 72-97-74
9:00-20:00 DYNÇ GÜNSÜZ
akyayla555@gmail.com
Aşgabat, G.Kulyýew köç., 42-nji jaý
@ak_yayla



«TÜRKANA» restorany siziň hyzmatyňyzda!

Türkana restoran



BIZIŇ SALGYMYZ:
A. Nyýazow şaýoly, 166-njy jaý.
SARGYT ETMEK ÜÇIN:
+99362 998301, +99312 211174.
www.dostawka.bar/menu/turkana

«Türkana» restorany 50 orunlyk bolup, bu ýerde türkmen we türk naharlarynyň dürli görnüşleri — çorbalar, hamyrly naharlar, işdäaçarlar, etli, towukly, balykly naharlar, «fast foodlar», süýjülikler, pizzalar elýeterli bahadan müşderilere hödürlenýär.
Restoranda naharlaryň degişli aşhananyň aýratynlygyna görä tagamyna, özboluşlylygyna aýratyn üns berilýär.
Oraza aýy mynasybetli «Türkana» restoranynda dürli görnüşli arzanlaşyklar yglan edildi. Müşderiler sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden peýdalanyp, «Ýoda restoran» programmasyndan ýa-da «Dostawka.bar» onlaýn platformasyndan tagamlary sargyt edenlerinde 50% arzanlaşyk bilen satyn alyp bilerler. Şeýle-de, Oraza aýynyň ahyryna çenli «Türkana» restoranyna baryp ýa-da jaň edip sargyt edilen halatynda 30% arzanlaşyk hereket edýär.

TÖLEGLER ISLENDIK GÖRNÜŞDE KABUL EDILÝÄR

Altyn ÇAÝHANA





«ALTYN ÇAÝHANA» RESTORANY SIZE GARAŞÝAR!
- «Altyn çaýhana» restorany 2020-nji ýyldan bäri müşderilere hyzmat edip gelýär. Bu ýerde müşderiler Aziýa yklymyna degişli döwletleriň aşhanalarynyň tagamlaryny dadyp bilerler.
- «Altyn çaýhana» restorany bir wagtyň dowamynda 200 müşderä hyzmat etmäge niýetlenendir. Restoranda paýtagtymyzyň ýaşaýjylary we myhmanlary özleriniň ýatdan çykmajak belli senelerini, doglan günlerini, toý-dabaralaryny, bäbek toýlaryny, toý sadakalaryny ýokary derejede geçirip bilerler. Restoranyň işgärleri toý-dabaralary ýokary derejede geçirmek üçin öz yhlaslaryny gaýgyrmaýarlar.
- Müşderiler «Altyn çaýhana» restoranynda özleriniň boş wagtlaryny gyzykly geçirip, restoranyň dürli tagamlaryny dadyp bilerler. Restoranda müşderilere hamyrly naharlaryň, çorbalaryň, gyzgyn we sowuk içgileriň, daşary ýurt aşhanasynyň naharlarynyň ýüzlerçe görnüşleri elýeterli bahadan hödürlenilýär.
- «Altyn çaýhana» restoranynyň göçme hyzmatlary hem müşderileriň belli senelerini, sadakalaryny öýüne ýakyn ýerde geçirmäge mümkinçilik berýär.

Biziň salgymyz: Aşgabat şäheri, Gurbansoltan eje şaýoly, jaý 168.
+99312 941161; +99312 941171; +99312 723746; +99312 723547.